# Türkmenistanda zenanyň saglygy we maşgaladaky ýagdaýy

## Milli seçip alma esasly synyň netijeleri barada hasabat

2021

«Türkmenistanda zenanyň saglygy we maşgaladaky ýagdaýy» barada seçip alma esasly syn Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2015-2020-nji ýyllar üçin Hereketleriň ilkinji Milli meýilnamasynyň çäklerinde 2020-nji ýylda geçirildi. Bu synyň geçirilmegi halkara usulyýet ülňüleriniň esasynda sosiologik barlaglary geçirmek boýunça milli mümkinçilikleri ösdürmek nukdaýnazaryndan bolşy ýaly, meseläniň öwrenmek nukdaýnazaryndan hem Türkmenistan üçin möhüm ädim bolup durýar. Syn BMG-niň Ilat gaznasynyň (ÝUNFPA) tehniki goldaw bermeginde we Türkmenistan Hökümetiniň maliýeleşdirmeginde we halkara guramalarynyň (ÝUNFPA, Ýewropa Bileleşigi we Beýik Britaniýanyň Türkmenistandaky Ilçihanasy) ýardam bermeginiň esasynda amala aşyryldy. Synyň guramaçylary usulyýeti peýdalanmakda, söhbetdeş boljaklary taýýarlamakda we şu syny işläp düzmekde tehniki kömegi üçin ÝUNFPA-nyň halkara bilermeni Aýsel Wazirowa aýratyn minnetdarlyk bildirýär.

Aýallar babatda zorluk hakynda, şeýle hem aýallaryň we çagalaryň saglygy hakynda maglumatlary toplamak hem-de seljermek döwlet syýasatyny işläp düzmeklige we durmuşa geçirmeklige ýardam bermekde, ylmy barlaglaryň esasynda meseläni çuňlaşdyryp öwrenmekligi höweslendirmekde we bu mesele babatda jemgyýetçiligiň habarlylygyny ýokarlandyrmakda zerur ähmiýete eýedir. Bu hili seljerme şeýle hem Aýallar babatda kemsidilmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda Konwensiýanyň çäklerinde hem-de Durnukly ösüş maksatlarynyň wezipeleri boýunça milli gün tertibiň çäklerinde ösüşe gözegçilik etmekde Türkmenistanyň halkara borçnamalaryny durmuşa geçirmek üçin hem möhümdir.

Hasabatda synyň usulyýeti we onuň esasy netijeleri hakynda maglumat berilýär.

Hasabatda beýan edilen maglumatlar gaýtadan çap edilende, sözme-söz alnanda we maglumatlar başgaça peýdalanylanda şu hasabata salgylanmak hökmanydyr.

**Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi**
744036, Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 20
tel.: (+993 12) 400446,
faks: (+993 12) 400416
Internet: www.saglykhm.gov.tm

**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti**
744000, Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 100
tel.: (+993 12) 392744,
faks: (+993 12) 980153
Internet: www.stat.gov.tm

**Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty**
744000, Aşgabat ş., 2022-nji köçe, jaý 86
тел.: (+993 12) 380600, 380652,
faks: (+993 12) 920966
Internet: www.instsld.gov.tm/ru/o-institute

**Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasynyň (ÝUNFPA) Türkmenistandaky wekilçilikhanasy**
744000, Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 21
tel.: (+993 12) 488325,
faks: (+993 12) 488368
Internet: www.unfpa.org

# MAZMUNY


Mazmuny 02

Gysgaltmalar 03

1 Giriş 04

2 Synyň maksatlary we wezipeleri 06

3 Synyň usulyýeti 07

Sowalnamalar 07

Söhbetdeşligi alyp baryjylary taýýarlamak 07

Seçip alnyşyň dizaýnynyň umumy häsiýetnamasy 08

Seçip almanyň möçberi 08

Seçip alnyşyň stratalar boýunça jeminiň we ýerleşdirilişiniň stratifikasiýasy 08

Syn üçin birlikleri saýlap almak 09

Maglumatlary toplamak we işläp taýýarlamak 09

Maglumatlary seljermegiň usullary 09

Zorlugyň ýaýrawlylygynyň esasy adalgalary, kesgitlemesi we ölçegleri 10

Jogap berijileriň gatnaşyk derejesi we häsiýetnamasy 13

4 Adamsy/ýoldaşy tarapyndan aýallar babatda zorluk 14

Dünýädäki we ýakyn döwletlerdäki ýagdaýla 14

Zorlugyň dürli görnüşleriniň ýaýrawlylygy 15

Aýallar babatda zorluga sebäp bolýan sosial-demografiki faktorlar 19

- Sebitleýin aratapawutlar 19
- Ýaşaýan ýeriniň görnüşi boýunça aratapawutlar 22
- Beýleki faktorlar 23
- Adamsynyň/ýoldaşynyň demografiki we özüni alyp baryş häsiýetnamasy 24

Adamsy/ ýoldaşy tarapyndan edilen zorlugyň dürli görnüşleriniň häsiýetnamalary 25

5 Beýleki şahslar tarapyndan zorluk 29

6 Zorlugyň aýallaryň saglygyna we çagalaryň abadançylygyna täsiri 30

7 Adamsy/ýoldaşy tarapyndan edilýän zorlugy ýeňip geçmegiň strategiýasy 33

8 Jemleme 37

9 Maslahatlar 41

Peýdalanylan edebiýatlaryň sanawy 45

Goşundy 1: Esasy netijeler 47

# GYSGALTMALAR

| | |
|---|---|
| **BSGG** | Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy |
| **CEDAW** | Aýallar babatynda kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda Konwensiýa |
| **MHM 2015-2020** | Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2015-2020-nji ýyllar üçin Hereketleriň Milli Meýilnamasy |
| **HMM 2021-2025** | Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň Milli Meýilnamasy |
| **ÝÝZ** | Jyns ýoldaşy tarapyndan zorluk |
| **BMG** | Birleşen Milletler Guramasy |
| **BMG–Zenanlar** | Birleşen Milletler Guramasynyň gender deňligi we aýallaryň hukuklaryny hem-de mümkinçiliklerini giňeltmek meseleleri boýunça düzümi |
| **BMGÖM** | Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy |
| **DÖM** | Durnukly ösüş maksatlary |
| **ÝUNISEF** | Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar Gaznasy |
| **ÝUNFPA** | Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasy |
| **MICS** | Köp sanly görkezijiler boýunça klaster syny |

# 1 GIRIŞ

Türkmenistanda konstitusion ýörelgelerden, şeýle hem Durnukly ösüş maksatlaryndan (DÖM) ugur alnyp, iň möhüm ähllumumy meseleleri, şol sanda ekologiýa durnuklylygy, sosial goşulyşmak we ykdysady ösüş ýaly meseleleri çözmäge gönükdirilen gender ugurly işjeň milli syýasat alnyp barylýar. Erkekler we aýallar üçin deň hukuklar hem-de mümkinçilikler ýörelgesini durmuşa geçirmek maksady bilen kanunçylyk we guramaçylyk çäreleri amal edilýär.

Jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady we medeni durmuşda aýallaryň ornuny ýokarlandyrmak, hukuklary we kanuny bähbitleri goramak, döwlet ýeňilliklerini hödürlemek, mynasyp durmuş hem zähmet çekmek üçin şertleri üpjün etmek boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň durmuş ugurly syýasaty ýurduň durnukly durmuş-ykdysady ösüşiniň, hukuk esaslarynyň berkidilmeginiň we türkmen jemgyýetiniň mundan beýläk hem demokratiýalaşdyrylmagynyň möhüm şerti bolup çykyş edýär.

Gender deňligi meseleleri Türkmenistanyň milli maksatnamalarynyň ählisinde mynasyp ornuny tapýar, bu maksatnamalaryň esasy ugurlary bolsa aýallary we gyzlary ýurduň ykdysady hem medeni ösüşine işjeň çekmek bolup durýar. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdy 2019 — 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň», şeýle hem gender deňligi meselelerini öňe sürmekligi göz öňünde tutýan milli maksatnamalaryň kabul edilmegi ýurduň gender deňligi meselesini çözmäge ygrarlylygynyň tassyklamasy bolup durýar.

«Türkmenistanda zenanyň saglygy we maşgaladaky ýagdaýy» babatynda seçip alma esasly syn ýurduň ähli sebitlerinde (paýtagtda we bäş welaýatda) 18-59 ýaş aralygyndaky aýallardan pikir soraşmak esasynda öýdäki zorluk meselesi babatda maglumatlary toplamakda we seljermekde ilkinji milli tejribe bolup durýar. Bu synyň geçirilmegi meseläni öwrenmek nukdaýnazaryndan bolşy ýaly, halkara usulyýet ülňüleriniň esasynda sosiologik barlaglary geçirmek boýunça milli mümkinçilikleri ösdürmek nukdaýnazaryndan hem Türkmenistan üçin möhüm hereket bolup durýar. Barlag Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2015-2020-nji ýyllar üçin Hereketleriň ilkinji Milli Meýilnamasynyň (HMM 2015-2020) wezipelerini durmuşa geçirmegiň çäklerinde BMG-niň Ilat gaznasynyň (ÝUNFPA) tehniki goldaw bermeginde geçirildi. Syn Türkmenistanyň Hökümetiniň serişdeleriniň hasabyna we halkara guramalarynyň (ÝUNFPA, Ýewropa Bileleşigi we Beýik Britaniýanyň Türkmenistandaky ilçihanasy) bölekleýin goldaw bermeginde geçirildi.
Aýallar babatda zorluk — umumydünýä meselesi bolup, bu meseläniň medeni, geografiki, dini, sosial we ykdysady serhetleri ýokdur. Aýallar babatda fiziki, psihologiki, jynsy we ykdysady zorluk hemme ýere ýaýrandyr. Hemmelere mälim bolşy ýaly, aýallar babatda islendik görnüşdäki we ýüze çykmadaky zorluk adam hukuklarynyň hem-de esasy erkinlikleriniň bozulmagy bolup durýar.

BMG agza bolan beýleki köp sanly döwletler ýaly, Türkmenistan gender deňligini üpjün etmek ulgamynda esasy halkara borçnamalarynyň ählisine diýen ýaly, şol sanda «Aýallar babatynda kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda Konwensiýa» (1966-njy ýylda) we Onuň Fakultatiw beýanyna (2009-njy ýylda), Bäşinji maksady gender deňligini gazanmaklyga gönükdirilen 2030-njy ýyla çenli Durnukly ösüş maksatlaryna goşuldy. DÖM-i durmuşa geçirmegiň çäklerinde Meýletin milli syn (2019) taýýarlanyldy we DÖM-niň milli we sebit ösüş maksatnamalaryna uýgunlaşdyrylyşy, şol sanda DÖM 5 boýunça görkezijileriň we indikatorlaryň hem uýgunlaşdyrylyşyna baha berildi.

Häzirki wagtda Türkmenistanda **gender deňligi** boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň eýýäm ikinji Milli Meýilnamasynyň çäklerinde ýurtda gender deňligini üpjün etmek we maşgaladaky **zorluga garşy** göreşmek boýunça çäreleriň giň toplumy durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanda öýdäki zorluga garşy göreş syýasaty aýallar babatda döwlet syýasatynyň umumy strategiýasy we ileri tutulýan ugurlary bilen kesgitlenilýär. Onuň maksady Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, halkara hukugynyň kadalaryna we Aýallaryň ýagdaýy boýunça IV Bütindünýä maslahatynyň (Pekin, 1995) tekliplerine we ş.m. laýyklykda, deň hukuklaryň we erkinlikleriň üpjün edilmek ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegi bolup durýar.

Ilkinji HMM 2015-2020-niň durmuşa geçirilmeginiň çäginde «Aýallaryň we erkekleriň deň hukuklarynyň we deň mümkinçilikleriniň üpjün edilmeginiň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny[1] kabul edildi. Bu Kanun döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli çygyrlarynda aýallaryň we erkekleriň deň hukuklarynyň we deň mümkinçilikleriniň üpjün edilmeginiň döwlet kepilliklerini belleýär. Hususan-da, bellenilen Kanunyň 22-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, Türkmenistan maşgalanyň bir agzasynyň maşgalanyň başga agzasy babatda ýol beren fiziki ýa-da psihiki täsirinden ýa-da zyýan (zelel) ýetirmek görnüşinde ýüze çykýan süteminden aýallaryň we erkekleriň maşgalada deň goralmagyny kepillendirýär we üpjün edýär.

Häzirki wagtda adam hukuklaryny hormatlamagyň we berjaý etmegiň, aýallaryň goragyny we gyzyklanmalaryny nazara almagyň, sosial hyzmatlaryň ýerli derejede ornaşdyrylmagynyň esasynda aýallar babatda öýdäki zorlugyň öňüni almak boýunça pudagara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek maksady bilen halkara guramalary, hususan-da, ÝUNFPA bilen işjeň hyzmatdaşlyk alnyp barylýar.

Bäşinji Döwürleýin milli hasabatyň seljermesi esasynda 2018-nji ýylda hödürlenilen Aýallar babatda kemsidilmeleri ýok etmek boýunça Komitetiň teklipleri aýallar babatda zorluga garşy göreşmek çygrynda çäreleriň ençemesini öz içine alýar. Aýallar babatda gender zorlugynyň ýaýrawy, zorlugyň pidalarynyň goldawy we goragy boýunça çäreler toplumynyň ösüşi, aýallar babatda zorlugyň öňüni almaklygyň giňeldilmegi, şeýle hem aýallar babatda gender zorlugynyň ähli görnüşlerini anyk kesgitleýän we munuň üçin jenaýat jogapkärçiligini göz öňünde tutýan ählumumy kanunçylygyň kabul edilmegi hakynda ygtybarly maglumatlaryň toplanylmagynyň möhümligi bellenilýär. Komitet barlagyň netijelerini gender zorlugynyň öňüni almak we oňa garşy göreşmek boýunça umumymilli strategiýany döretmek üçin ulanmagy maslahat berdi[2].

HMM 2015-2020-niň çäklerinde «Türkmenistanda zenanyň saglygy we maşgaladaky ýagdaýy» synyny taýýarlamak we geçirmek boýunça toplumlaýyn işler amala aşyryldy. Syn aýallar babatda zorluga dahylly esasy temalary öz içine aldy. Ikinji HMM 2021-2025-de milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça aýallara we gyzlara garşy gender zorlugynyň ähli görnüşlerini jenaýatlaşdyrýan, saglygy goraýyş ulgamlaryny, hukuk goraýjy edaralaryň we psihososial hyzmatlaryň gender zorlugyna pudagara jogap bermeginiň çemeleşmelerini tejribä ornaşdyrýan, gender zorlugynyň öňüni almak meseleleri boýunça habar beriş serişdeleriniň mümkinçiliklerini güýçlendirmek, halkara başlangyçlarynyň çäklerinde milli habar beriş kampaniýalaryny we çärelerini, lukmançylyk we psihologik maslahatlary hödürlemek üçin gyzgyn telefon liniýa hyzmatlaryny döretmek we giňeltmek boýunça möhüm strategiki hereketler göz öňünde tutuldy.

[1] Türkmenistanyň Mejlisiniň namalary, 2015 г, №3, sah. 98

[2] Türkmenistanyň bäşinji Döwürleýin hasabaty boýunça Jemleýji bellikler, 25 iýul 2018 ý.

# 2 SYNYŇ MAKSATLARY WE WEZIPELERI

## Seçip alma esasly syn şu maksatlary öz içine aldy:

1 Türkmenistanda aýallar babatda zorluk ýagdaýlarynyň esasy **ölçeglerini ýüze çykarmak we seljermek;**

2 Öýdäki zorluga we aýallar babatda zorlugyň beýleki görnüşlerine jogap bermek ulgamynda iş alyp barýan döwlet edaralary we jemgyýetçilik guramalary üçin **teklipleri işläp taýýarlamak.**

Esasy maksat hökmünde adamsy ýa-da ýoldaşy tarapyndan aýallar babatda zorluk ulgamynda ýagdaýy bahalandyrmak kesgitlenildi, emma soraglar zorluk bilen bagly beýleki ýagdaýlary hem öz içine aldy.

Aýallar babatda zorluk, şeýle hem aýallaryň we çagalaryň saglygy hakynda maglumatlary toplamak we seljermek, şeýle hem döwlet syýasatyny işläp düzmekde we durmuşa geçirmekde, ylmy barlaglaryň esasynda çuňlaşdyrylan öwrenmäni goldamak we bu mesele babatda jemgyýetçiligiň habarlylygyny ýokarlandyrmak üçin zerurdyr. Bu hili seljerme Aýallar babatda kemsidilmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda Konwensiýanyň çäklerinde Türkmenistanyň halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmegi we DÖM 5 wezipeleri boýunça milli gün tertibiň çäginde ösüşe gözegçilik etmek üçin möhümdir.

## Syn öňünde şu wezipeleri goýdy:

1. Tutuş ýurt boýunça we welaýatlar boýunça alnanda aýallar babatda zorlugyň ýaýrawlylygyny kesgitlemek;
2. Zorlugyň dürli görnüşleriniň (fiziki, jynsy, psihologiki we ykdysady) ýaýrawlylygyny we aýratynlyklaryny hem-de tutuş ýurt boýunça bolşy ýaly, welaýatlar boýunça hem maşgala gatnaşyklarynyň çäginde erkekleriň aýallaryň erkini çäklendiriji häsiýetini öwrenmek;
3. Ýokary howp toparyna degişlileri ýüze çykarmak we öýdäki zorlugyň howpunyň derejesini ýokarlandyrýan mümkin bolan sosial-demografik ýa-da beýleki görkezijileri ýüze çykarmak;
4. Öýdäki zorlugyň aýallaryň saglygyna we çagalaryň abadançylygyna ýetirip biljek täsirini öwrenmek;
5. Zorlugyň pidalarynyň gorag we goldaw almak üçin ulanýan strategiýasyny ýüze çykarmak, şeýle hem dürli döwlet we jemgyýetçilik guramalarynyň olara nähili goldaw berýändigini öwrenmek.



## 3 SYNYŇ USULYÝETI

Syn BSGG tarapyndan aýallara garşy zorlugy we olaryň saglygy boýunça halkara barlagy (2005)[3] üçin işlenip düzülen usulyýet çemeleşmelerini we gurallaryny ulandy. Gurallaryň ählisi (anketa we söhbetdeş boljaklar üçin gözükdirme) ýurt ýagdaýyna uýgunlaşdyryldy. Umumy konseptual çarçuwa bilen bir hatarda synda maşgaladaky zorluk bilen bagly ýagdaýy bahalandyrmak üçin zerur bolan esasy adalgalar we işjeň kesgitlemeler ulanyldy.

Öňde goýlan wezipelere laýyklykda, seçip alma esasly syn şu aşakdaky esasy barlag soraglaryna jogap tapdyberdi:

1. Tutuş ýurt boýunça hem-de aýry-aýry welaýatlar boýunça alnanda 18-59 ýaş aralygyndaky aýallar babatda **fiziki, jynsy we/ýa-da psihologik zorlugyň ýaýraw derejesi** we häsiýetnamasy nähili? Şeýle hem tutuş ýurt boýunça hem-de aýry-aýry welaýatlar boýunça alnanda 18-59 ýaş aralygyndaky aýallar babatda (adamsyadamsy/ýoldaşy tarapyndan, ömrüniň dowamynda) ykdysady zorlugyň ýaýrawlylygynyň derejesi nähili?

2. **15 ýaşy dolandan soň**, adamsyadamsy ýa-da ýoldaşy bolmadyk şahs tarapyndan aýallar we gyzlar babatda **fiziki we jynsy zorlugyň** ýaýrawlylyk derejesi nähili?

3. **15 ýaşa çenli** gyzlara degişlilikde **jynsy zorlugyň** ýaýrawlylyk derejesi nähili?

4. Maşgalada zorlugyň bolmagy bilen, haýsy sosial-demografik faktorlar bolýar?

5. **Zorlugyň pidalary** we olaryň çagalary üçin aýallar babatda zorlugyň nähili täsirleri bar?

6. Aýallar öýdäki zorlugyň pidasy bolanlarynda haýsy strategiýany saýlaýarlar?

Synyň üstünlikli geçirilmegi köp babatda taýýarlygyň eýýäm irki tapgyrlarynda herekete gatnaşyjylaryň ählisiniň işini utgaşdyrýar ýörite institusional guralynyň döredilmegi bilen şertlendirildi. Synyň gurallaryny işläp düzmegiň, ony meýilleşdirmegiň we geçirmegiň ähli jähtleri ýörite döredilen Iş toparynyň çäklerinde utgaşdyrylan tagallalar bilen amala aşyryldy. Iş toparynyň düzümine esasy döwlet edaralarynyň (Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty, Türkmenistanyň Statistika boýunça döwlet komiteti) we jemgyýetçilik guramasynyň (Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi) wekilleri girdi. Iş toparynyň işi synyň ähli tapgyrlarynda ÝUNFPA tarapyndan tehniki taýdan goldanyldy.

### SOWALNAMALAR

Aýallardan pikir soraşmak üçin synyň sowalnamalary 11 bölümden ybarat bolup, synyň esasy meselelerine degişli temalary öz içine alýar. Söhbetdeşlik ýüzbe-ýüz pikir soraşmak formatynda, ýaşyrynlygy üpjün etmek (söhbetdeş boljak we soraga jogap berýän) bilen geçirildi. Şol bir wagtda söhbetdeşligi alyp baryjylar jogaplary bellige alyp, jogap berijiniň gizlinligini we howpsuzlygyny üpjün etmek üçin şahsy maglumatlary hasaba almadylar.

### SÖHBETDEŞLIGI ALYP BARYJYLARY TAÝÝARLAMAK

Söhbetdeşligi alyp baryjylary saýlap almak we taýýarlamak çäresi Türkmenistanyň sosial-medeni jähtini hasaba almak bilen ýörite işlenip düzülen strategiýasyna daýandy. Syn maşgala gatnaşyklary we reproduktiw (nesil öndürijilik) saglyk ýaly duýguçyl temalara galtaşýar. Bu bolsa kőpleriň söhbetdeşlikden ýüz öwürmek howpuny ýokarlandyrýar we öýdäki zorluk bilen bagly ýagdaýlary ýüze çykarmaklygy kynlaşdyrýar. Howplary aradan aýyrmak üçin söhbetdeşligi alyp barjaklary saýlamak üçin täzeçe çemeleşmäni peýdalanmak karar edildi. Türkmen jemgyýetinde lukmanlara ynamyň ýokary bolmagyny nazara alyp, geňeşmeleriň barşynda söhbetdeşligi alyp baryjylar hökmünde saglygy goraýyş ulgamynda işleýän zenanlary, hususan-da, maşgala lukmanlaryny we reproduktiw saglyk ulgamynda ýöriteleşen lukmanlary çekmek karary kabul edildi.

[3]WHO multi-country study on women's health and domestic violence against women, 2005, WHO, WHO | WHO Multi-country study on women's health and domestic violence against women

**Söhbetdeşligi alyp baryjylar toplumlaýyn taýýarlyk geçdiler. Taýýarlyk dört düzüm bölekden ybarat:**

- Maşgaladaky zorluk, onuň görnüşleri, esasy sebäpleri we netijeleri, şeýle hem Türkmenistanda gender deňligini ilerletmek bilen bagly ýagdaý hakynda binýatlaýyn maglumatlar bilen tanyş bolmak;
- Gender we maşgaladaky zorluk boýunça syny geçirmek hem-de BSGG-nniň usulyýeti hakynda halkara tejribesi barada maglumat;
- Synyň gurallary (hususan-da, sowalnamalar bilen jikme-jik tanyşmak), söhbetdeşligi geçirmegiň tehnikasy we synyň guralyşy bilen tanyşmak;
- Maşgaladaky zorluk temasy boýunça syny geçirmekde etiki we howpsuzlyk kadalary.

## SEÇIP ALNYŞYŇ DIZAÝNYNYŇ UMUMY HÄSIÝETNAMASY

Synyň umumy jemi hökmünde Türkmenistanyň institusional bolmadyk (hususy) öý **hojalyklarynda ýaşaýan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallary** jemi alynýar. Syny geçirmek üçin maksatlaýyn jemiň —18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň birlikleriniň mümkin bolan (reprezentatiw) gatlaklaşdyrylan çäkleýin köp basgançakly seçip almasy işlenip düzüldi.

Synyň seçip almasynyň binýady bolup Türkmenistanyň hemme sebitleri üçin düzülen hem-de öý hojalyklarynyň sany görkezilip, dürli derejeleriň çäk birlikleri boýunça düzgünleşdirilen maşgala (lukmançylyk) uçastoklarynyň doly sanawy çykyş etdi. Syn üçin saýlanyp alnan maşgala (lukmançylyk) uçastoklarynda seçip almanyň esasy bolup synyň geçirilýän wagtynda takyklaşdyrylan we kabul edilen sanawnama esasynda düzgünleşdirilen öý hojalyklarynyň sanawy çykyş etdi. Syn üçin saýlanyp alnan öý hojalyklarynda seçip alma üçin esas hökmünde şol ýerde ýaşaýan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň ählisi ýaşynyň uludan kiçä geçişi boýunça düzgünleşdirilen sanawy çykyş etdi.

## SEÇIP ALMANYŇ MÖÇBERI

Milli derejede seçip almanyň gerekli möçberi **2874 hojalyk** derejesinde kesgitlenildi. Goşmaça düzediji hasaplamalar geçirilenden soň, seçip almanyň umumy möçberi **3596 hojalyk** derejesinde kesgitlenildi. Bu maksat edilýän möçberi — **18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň** bolmadyk hojalyklaryny, hojalyklaryň ýa-da olaryň saýlanyp alnan agzalarynyň syna gatnaşmakdan ýüz öwürmeklerini, öýde hiç kimi tapyp bolmajak hojalyklaryň bolmagyny nazara almak zerurlygy bilen şertlendirildi.

## SEÇIP ALNYŞYŇ STRATALAR BOÝUNÇA JEMINIŇ WE ÝERLEŞDIRILIŞINIŇ STRATIFIKASIÝASY

Saýlama möçberiň ýurduň tutuş çägi boýunça paýlanylmagynyň deňagramly bolmagy üçin Türkmenistanyň alty sany esasy administratiw-çäk birlikleri (Aşgabat we 5 sany welaýat) boýunça, onuň çäklerinde bolsa ilatyň ýaşaýan ýerleri boýunça stratifikasiýalaşdyrma geçirildi.

Seçip almanyň hasap möçberiniň stratalar boýunça paýlanylmagy iki tapgyrda ýerine ýetirildi. Birinji tapgyrda her etrapda seçip almanyň iň az möçberi (370 öý hojalygy) ýeriň görnüşine görä paýlanyldy. Ikinji tapgyrda seçip almanyň umumy iň az möçberi bilen gerekli möçberiň arasynda tapawut stratalar boýunça olardaky öý hojalyklaryň paýy boýunça stratalara bölündi. Bilermenler derejesinde maslahatlaşmagyň dowamynda strataларyň çäginde syn üçin klasteriň möçberi her etrap üçin 30 öý hojalygy (aýal) möçberinde karar edildi. Şuny nazara alyp, klasterleri stratalar boýunça paýlamaklyk ýerine ýetirildi we seçip almanyň möçberi düzedildi.

Öý hojalyklarynyň syna gatnaşmagynyň garaşylýan möçberiň bahalandyrmalaryna laýyklykda, saýlap almak üçin klasterleriň möçberi (öý hojalyklarynyň sany) şulardan ybarat boldy: Aşgabat şäheri üçin 42, Balkan welaýaty üçin 40 we beýleki galan welaýatlar üçin 36.

Jetwel 1.
**Stratalar boýunça klasterleriň paýlanylyşy**

| Welaýat | Şäher | Oba | Jemi |
|---|---|---|---|
| **Türkmenistan** | **48** | **48** | **96** |
| Aşgabat ş. | 14 | 0 | 14 |
| Ahal welaýaty | 6 | 10 | 16 |
| Balkan welaýaty | 10 | 4 | 14 |
| Daşoguz welaýaty | 5 | 11 | 16 |
| Lebap welaýaty | 8 | 10 | 18 |
| Mary welaýaty | 5 | 13 | 18 |

Jetwel 2.
**Öý hojalyklarynyň mukdarynyň stratalar boýunça seçip almak üçin paýlanylyşy**

| Welaýat | Şäher | Oba | Jemi |
|---|---|---|---|
| **Türkmenistan** | **1852** | **1744** | **3596** |
| Aşgabat ş. | 588 | 0 | 588 |
| Ahal welaýaty | 216 | 360 | 576 |
| Balkan welaýaty | 400 | 160 | 560 |
| Daşoguz welaýaty | 180 | 396 | 576 |
| Lebap welaýaty | 288 | 360 | 648 |
| Mary welaýaty | 180 | 468 | 648 |

## SYN ÜÇIN BIRLIKLERI SAÝLAP ALMAK

Seçip almany düzgünleşdirmegiň barşynda stratalaryň çäginde köp basgançakly saýlap almak çäresi durmuşa geçirildi. Saýlap almagyň birinji basgançagynda her strata seçip almanyň başlangyç çäk birlikleri — maşgala (lukmançylyk) uçastoklary saýlanyp alyndy. Başlangyç çäk birlikleri olardaky öý hojalyklarynyň mukdaryna barabar möçberde bolan ulgamlaýyn saýlap almak usulyýetini ulanmak arkaly saýlanyp alyndy.

Saýlap almagyň ikinji basgançagynda saýlanyp alnan başlangyç çäk birliklerinde syn üçin deň mümkinçilikli öý hojalyklary saýlanyp alyndy. Munuň üçin ulgamlaýyn saýlap almak usulyýeti peýdalanyldy.

Seçip almany düzgünleşdirmegiň üçünji tapgyrynda saýlanyp alnan her öý hojalygyndan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallar saýlanyp alyndy. Jogap berijileri saýlap almak hadysasy söhbetdeşligi gurnaýjylar tarapyndan Kişiň jedwellerine kybapdaş ýörite jedwelleri ulanmak arkaly geçirildi.

## MAGLUMATLARY TOPLAMAK WE IŞLÄP TAÝÝARLAMAK

Maglumatlary toplamak çäresi ýurduň bäş Kagyz sowalnamalardan maglumatlary girizmeklik CSPro programma üpjünçiliginiň esasynda taýýarlanylan goşundyny ulanmak arkaly amala aşyryldy. Goşundyda mümkin bolan ýalňyşlyklary ýüze çykarmak üçin zerur bolan arifmetiki-logiki barlag göz öňünde tutuldy. Maglumatlar 25-nji wersiýadaky «Jemgyýetçilik ylymlary üçin statistiki bukja» (Statistical Package for Social Sciences, SPSS) programma üpjünçiliginiň kömegi bilen seljerildi. Şu maksatlar bilen tabulirlemäniň sintaksisi we meýilnamasy işlenip düzüldi.welaýatynda (Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap, Mary) we Aşgabat şäherinde öý hojalyklaryndan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallar bilen söhbetdeş bolmak arkaly geçirildi. Syn 3596 sany öý hojalygyny öz içine aldy. Aýallardan pikir soraşmak boýunça meýdan işleri 2020-nji ýylyň 25-nji fewralyndan 1-nji apreli aralygynda geçirildi. Maglumatlary 6 topar toplady. Olaryň her biri 5 sany söhbetdeşligi alyp baryjydan we 1 sany superwaýzerden ybarat boldy.

## MAGLUMATLARY SELJERMEGIŇ USULLARY

Synyň maglumatlary «gender zorlugynyň determinantlarynyň ekologiýa nazaryýetiniň» (BSGG)[4] we öýdäki zorlugyň ykdysady hem-de sosial serişdelere we mümkinçiliklere elýeterlilikde gender deňsizligi umumy ýagdaýynyň düzümi hökmünde gender seljermesiniň, gender zorlugyny reprodusirleýän gender rollarynyň we stereotipleriniň çäklerinde seljerildi.

Dürli ýurtlarda aýallar babatda zorlugy öwrenýän köp ýyllyk barlaglar onuň haýsy hem bolsa bir faktoryň netijesi däldigini görkezýär. Hususan-da, adamsyadamsy/ ýoldaşy tarapyndan zorluk şahsy sosial-ykdysady we medeni häsiýetnamalaryň, maşgala gurluşynyň we kadalarynyň, ýaşaýan gurşawynyň (şäher/oba) aýratynlyklarynyň, gender deňsizliginiň we gende kemsidilmeleriniň, hem-de zorlugyň umuman alanyňda we ilatyň aýratyn toparlaryna degişlilikde ýol bererlikdigi hakynda fundamental jemgyýetçilik garaýyşlarynyň çylşyrymly utgaşmasynyň önümi hökmünde ýüze çykýar.

[4]Utgaşdyrylan ekologiýa nusgasy bara jikme-jik,
The Ecological Framework (endvawnow.org)

**BSGG-niň utgaşdyrylan ekologiýa nusgasy** aýallar babatda zorluga yzygiderli getirýän şertleriň jemini seljermek üçin giňden peýdalanylýar.

**Bu nusga indiwidual faktorlaryň**, jemgyýetde gender deňsizligini emele gelmegini düzgünleşdirýän ýaşaýan gurşawynyň we faktorlarynyň umumy täsirini seljerýär.

Bu hili seljerme zorlugyň ol ýa-da beýleki maşgalalarda näme üçin ýüze çykandygyna, belli bir sebitlerde zorlugyň näme üçin has giňden ýaýrandygyna we ilatyň haýsy toparynyň zorluk howpuna ýakyndygyna **has oňat düşünmäge mümkinçilik berýär.**

**Şu synyň usulyýetleriniň esasynda ýatan BSGG-niň** sowalnamasy hem şu nusgany düzgünleşdirýär.

Netijeler we maslahatlar aýallar babatda zorluk meselesini gender deňsizliginiň umumy meselesiniň aýrylmaz bölegi hasaplanýan we zorlugyň pidalaryny goldamak we goramak meselelerini döwlet tarapyndan adam hukuklaryny goramagyň düzüminde goýýan çemeleşmeleriň esasynda işlenip düzüldi. Bu hili çemeleşme, zorlugyň maşgalada ýa-da ondan daşarda bolup geçendigine, zorlugyň görnüşine hem-de ejir çekeniň we zorluk edijiniň arasyndaky gatnaşyklaryň görnüşine garamazdan raýatlaryň hukuklaryny goramak boýunça döwletiň jogapkärçiligini nygtaýar. Seljerme we maslahatlar zorlugyň pidasynyň bähbitlerini üns merkezinde goýýan we aýallaryň öz howpsuzlygy we abadançylygy dogrusynda karar berip bilmekleri üçin mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak maksady bilen zorluga jogap beriş ulgamyny üns merkezinde goýýan çemeleşmä esaslanýar.



# ZORLUGYŇ ÝAÝRAWLYLYGYNYŇ ESASY ADALGALARY, KESGITLEMESI WE ÖLÇEGLERI



Synda Aýallar babatda zorlugy ýok etmek hakynda Jarnamada (1-nji madda)[5] aýallar babatda kemsidilmä berlen umumy kesgitleme ulanyldy. Şeýle hem BSGG-niň «Aýallaryň saglygy we maşgaladaky aýallar babatda zorluk» (2005)[6] köp ýurtly barlagynyň beýanynda we jyns ýoldaşy we beýleki şahyslar tarapyndan aýallar babatda zorlugyň ýaýrawynyň ählumumy, sebitleýin we milli bahalandyrmalary hakynda BSGG-niň hasabatynda (2018)[7] ulanylan kesgitlemeler ulanyldy.

**Aýallar babatda zorluk** — bu «aýallara fiziki, jynsy ýa-da psihologiki zyýan ýada ejir çekdirýän ýa-da çekdirip biljek jynsy alamat esasynda amal edilen islendik görnüşdäki zorluk hereketi, şol sanda hereketleri zorlamak ýa-da jemgyýetçilik ýa şahsy durmuşynda özbaşdak erkinlikden mahrum etmek ýaly hereketleri etmek haýbaty bilen gorkuzmak»[8].

[5] Aýallar babatda kemsidilmeleri ýok etmek hakynda Jarnama, Baş Assambleýanyň 1993-nji ýylyň 20-nji dekabryndaky Rezolýusiýasy 48/104
[6] WHO Multi-Country Study on Women's Health and Domestic Violence Study Protocol, Version 27 Sept 2006 (updated 9 Sept 2007)
[7] Violence against women prevalence estimates, 2018: global, regional and national prevalence estimates for intimate partner violence against women and global and regional prevalence estimates for non-partner sexual violence against women. Geneva: World Health Organization; 2021. Licence: CC BY-NC-SA 3.0 IGO
[8] Aýallar babatda kemsidilmeleri ýok etmek hakynda Jarnamasy, Baş Assambleýanyň 1993-nji ýylyň 20-nji dekabryndaky Rezolýusiýasy 48/104

**Öýdäki zorluk** — bu maşgala agzasy tarapyndan (köplenç ýagdaýda jyns ýoldaşy) nirede edilendigine garamazdan, aýalyň abadançylygyna, fiziki ýa-da psihologiki saglygyna, erkinligine ýa-da doly derejeli ösüşine ýaramaz täsir eden islendik hereket.

**Jynsy ýoldaşy** *(şu seçip alma esasly synda adamsy/ýoldaşy adalgasyna barabar)* — bellige alnan nika gatnaşyklarynda (raýat ýagdaýlarynyň namalarynyň ýazgylarynda) bolşy ýaly, bellige alynmadyk gatnaşyklarda bolan häzirki ýa-da öňki ýoldaşy.

**Jynsy ýoldaşy tarapyndan fiziki zorluk** — *şikes, zyýan ýetirmek ýa-da janyndan mahrum etmek ýaly maksady bilen (ýa-da şoňa barabar mümkinçiligi)* fiziki güýji bilkastlaýyn *ulanmak.*

**Jynsy ýoldaşy tarapyndan jynsy zorluk** (jynsy taýdan zorlamak hereketi) — beýleki birini jynsy gatnaşyklaryna girmäge zorlamak üçin adamyň güýç, zorlama ýa-da psihologiki basgy ulanýan islendik hereketi. Dürli ýagdaýlarda, şol sanda maşgala gatnaşyklarynda, duşuşyklarda, mekdepde ýa-da işde, şeýle hem maşgalada ýüze çykyp biler. Kesgitleme jynsy esasda azar bermegi (harassment) öz içine almaýar.

**Jynsy ýoldaşy tarapyndan psihologiki zorluk** [9] — aýalyň özüne bolan hormatyna, özbolușlylygyna ýa-da şahsyýetiniň ösüşine zyýan ýetirýän islendik hereket. Bu hili hereketlere mysal edip, kemsidilme, masgaralama, gorkuzma agzalyp bilner.

**Aýalyň erkini çäklendiriji häsiýet** — bu aýalyň islendik hereketi we kararlary yzygiderli ýagdaýda adamsyýa-da ýoldaşy tarapyndan barlanylyp we dolandyrylyp durulýan ýagdaýda saklanýan hereketleriň toplumy. Pikir soraşmanyň çäklerinde jogap berijilere çäklendiriji hereketler babatda sowallar toplumy berildi.

**Beýleki şahslar tarapyndan jynsy zorluk** — ejir çekeniň jynsy ýoldaşy bolup durmaýan beýleki bir şahs tarapyndan amala aşyrylan jynsy zorluk (jynsy gatnaşyklara ýa-da jynsy häsiýetli hereketlere zorluk bilen çekmek).

**«Ömrüniň dowamynda jynsy ýoldaşy tarapyndan fiziki we/ýa-da jynsy zorlugyň ýaýrawlylygy» görkezijisi** — haçan hem bolsa durmuşa çykan ýa-da gatnaşykda bolan belli bir ýaş toparyna degişli aýallaryň arasynda durmuşynyň islendik döwründe bolup geçen häzirki ýa-da ozalky adamsy ýa-da ýoldaşy tarapyndan bir ýa-da ondan köp fiziki we/ýa-da jynsy esasly zorluk barada gürrüň beren aýallaryň paýy («ömrüniň dowamynda zorluk»). «Ömrüniň dowamynda» wagtlaýyn çarçuwasy şu synda 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň tejribesini öz içine alýar.

**«Jynsy ýoldaşy tarapyndan soňky 12 aýyň dowamynda fiziki we/ýa-da jynsy zorlugyň ýaýrawlylygy» görkezijisi görkezijisi** — haçan hem bolsa durmuşa çykan ýa-da gatnaşykda bolan belli bir ýaş toparyna degişli aýallaryň arasynda durmuşynyň soňky 12 aýynyň dowamynda bolup geçen häzirki ýa-da ozalky adamsy ýa-da ýoldaşy tarapyndan bir ýa-da ondan köp fiziki we/ýa-da jynsy esasly zorluk barada gürrüň beren aýallaryň paýy («häzirki zorluk»). «Häzirki zorluk» wagtlaýyn çarçuwasy şu synda söhbetdeşlikden öň 12 aýyň içindäki tejribäni öz içine alýar.

Adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki, jynsy we psihologiki zorlugyň ýaýrawlylygynyň bahalandyrmasy 18-59 ýaş aralygyndaky, nikada/gatnaşyklarda duran we öň duran aýallardan zorlugyň her görnüşi boýunça aşakdaky soraglaryň çäginde geçirildi.

[9] Şu hasabatda ulanylýan «psihologik zorluk» adalgasy BSGG-niň usulyýetinde yzygiderli peýdalanylýar. Häzirki wagtda psihologiki zorlugy ölçemek ulgamynda ülňüleşdirilen gatnaşyklar babatda çäklendirilen ylalaşyk bar. Käbir ýurt pikir soraşmalary/synlar aýalyň erkini çäklendiriji häsiýeti psihologik zorlugyň bir bölegine goşýarlar, käbirleri bolsa ony töwekgelçilik şerti hökmünde kesgitläp, aýratyn ölçeýärler. BSGG-niň häzirki işi jynsy ýoldaşy tarapyndan psihologiki zorlugyň gerimini we derejesini has oňat şöhlelendirmäge mümkinçilik berýän çäreleri ülňüleşdirmäge, şeýle hem onuň ýaýrawlylyk derejesini bahalandyrmak üçin has ýerine düşen çägi kesgitlemäge gönükdirilendir. Bu iş Aýallar babatda zorluk hakynda maglumatlar ulgamynda milli mümkinçilikleri, gender deňligi we aýallaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça BSGG bilen Birleşen Mmilletler Guramasynyň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek hem-de usulyýeti we ölçegleri berkitmek boýunça Bilelikdäki maksatnamanyň çäklerinde geçirilýär («BMG-aýallar»). Violence against women prevalence estimates, 2018: global, regional and national prevalence estimates for intimate partner violence against women and global and regional prevalence estimates for non-partner sexual violence against women. Geneva: World Health Organization; 2021. Licence: CC BY-NC-SA 3.0 IGO

| | |
|---|---|
| **Fiziki zorluk** | Siziň häzirki adamyňyz/ýoldaşyňyz ýa-da Siziň öňki adamyňyz/ýoldaşyňyz haçan hem bolsa bir wagt şu hereketleri etdimi?<br><br>a Sizi urdumy ýa-da size zatlary okladymy?<br>b. Sizi itekledimi ýa-da saçyňyzdan tutup süýredimi?<br>c. Sizi ýumruk bilen ýa-da haýsy hem bolsa bir predmet bilen urdumy?<br>d. Sizi aýagy bilen depdimi, eliňizden çekdimi ýa-da urdumy?<br>e. Sizi bogmaga synanyşdymy ýa-da teniňizi ýakjak boldumy?<br>f. Pyçak ýa-da başga bir ýarag bilen sizi gorkuzdymy ýa-da olary size garşy ulandymy? |
| **Jynsy zorluk** | Siziň häzirki adamyňyz/ýoldaşyňyz ýa-da Siziň öňki adamyňyz/ýoldaşyňyz haçan hem bolsa bir wagt şu hereketleri etdimi?<br><br>a. Siziň erkiňize garşy gidip, şol bir wagtda fiziki güýç ulanyp, sizi jyns gatnaşyklaryna girmäge zorladymy?<br>b. Siz onuň hereketlerinden gorkup, öz erkiňize garşy gidip, onuň bilen jyns gatnaşyklaryna girmäge mejbur bolduňyzmy?<br>c. Siziň pikiriňizçe, kemsidiji jynsy gatnaşyklaryna zorladymy? |
| **Psihologik zorluk** | Siziň häzirki adamyňyz/ýoldaşyňyz ýa-da Siziň öňki adamyňyz/ýoldaşyňyz haçan hem bolsa bir wagt şu hereketleri etdimi?<br><br>a. Siziň mertebäňizi kiçeltdimi?<br>b. Beýleki adamlaryň öňünde sizi kemsitdimi?<br>c. Sizi gorkuzmak üçin hereketler etdimi (mysal üçin size eýmendiriji bakyş bilen bakyp, size sesini gataldyp, zatlary döwüp)?<br>d. Size ýa-da Siziň ýakynlaryňyza şikes ýetirerin diýip, gorkuzdymy?<br>e. Siziň ýakynlaryňyzy kemsitdimi? |

Adamsy/ýoldaşy tarapyndan **ykdysady zorlugyň** ýaýrawlylygynyň bahalandyrmasy 18-59 ýaş aralygyndaky, nikada/gatnaşyklarda duran we öň duran we öz gazanjy bolan aýallardan şu aşakdaky soraglaryň çäginde geçirildi:

a. Siz haçan hem bolsa adamyňyzyň talaby bilen işden çykmaly ýa-da iş boýunça teklibi ret etmeli bolup gördüňizmi?
b. Siziň adamyňyz/ýoldaşyňyz haçan hem bolsa siziň gazanjyňyzy ýa-da ýygnan puluňyzy eliňizden aldymy?
c. Siziň adamyňyz/ýoldaşyňyz size öý zerurlyklary üçin pul bermekden ýüz öwrüp gördümi (/ puly bolan halatynda)?
d. Siz gazanan puluňyzy sowmak barada karar kabul etmäge gatnaşýarsyňyzmy ýa-da puluň bir bölegini ýa-da hemmesini adamyňyza/ýoldaşyňyza bermäge borçlumy?
e. Siziň adamyňyzyň/ýoldaşyňyzyň gazanan puluny dolandyrmak barada kim karar kabul edýär?

Adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we jynsy zorlugyň ýaýrawlylygynyň bahalandyrmasy 18-59 ýaş aralygyndaky, nikada/gatnaşyklarda duran we öň duran aýallardan zorlugyň her görnüşi boýunça aşakdaky soraglaryň çäginde geçirildi.

**Fiziki zorluk**

**15 ýaşyňyz** dolandan soň, **sizi kimdir biri urup** ýa-da size garşy güýç ulanyp gördümi? *(nikada bolan/şuwagt nikada duran/ ýoldaşy ýa adamsyndan başga ýoldaşy bolan aýallar üçin)?*

**Jynsy zorluk**

**15 ýaşyňyz dolandan soň, kimdir biri sizi haýsy hem bolsa bir jynsy häsiýetli** hereketleri etmäge zorlap gördümi *(nikada bolan/şuwagt nikada duran/ ýoldaşy ýa adamsyndan başga ýoldaşy bolan aýallar üçin)?*

## JOGAP BERIJILERIŇ GATNAŞYK DEREJESI WE HÄSIÝETNAMASY

**Saýlanyp alnan 3596 öý hojalygyndan** 3496 sany öý hojalygy ýaşalýan diýlip kesgitlenildi. 3348 sany öý hojalygyndan pikir soraşmak üçin razylyk alyndy. Pikir soraşmanyň görkezijilerine laýyk gelýän (18-59 ýaş aralygynda) iň bolman bir aýal ýaşaýan öý hojalyklarynyň sany 2989-a barabar boldy. **Her öý hojalygyndan diňe bir aýaldan pikir soraşyldy**. Bir hojalykda görkezijilere laýyk gelýän birden köp aýal bolanda tötänlik usulynda bir aýal saýlanyp alyndy. Netijede 2961 aýaldan pikir soraşyldy. Jogap berenleriň paýy Kişiň usuly boýunça saýlanyp alnanlaryň umumy sanyndan 99,1%-e barabar boldy.

Syna gatnaşan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň aglabasynda (76.4%) orta bilim derejesi bardy. Başlangyç ýa-da orta hünär bilimli aýallaryň paýy 16%, ýokary hünär bilimli aýallaryň paýy — 6,8% boldy. Asla bilimi bolmadyk ýa-da diňe başlangyç bilimi bolanlaryň paýy — 0,8% boldy.

**Nika derejesi boýunça** paýlanyşykda däp boýunça aglaba uly topary nikada duran aýallar tutdy (78,9%). Bellige alynmadyk gatnaşykda bolanlaryň paýy 5,1%, aýrylyşan ýa-da gatnaşyklaryny bes edenleriň paýy – 3,7%, dul aýallaryň paýy – 2,8%. Asla hiç wagt nikada / gatnaşykda bolmadyk aýallaryň görkezijisi 9,5%.

Nikada/gatnaşykda duran ýa-da öň bolan aýallaryň aglabasynda (92,3%) nika RÝNÝ edaralarynda bellige alnan hakyky nika bolupdyr. Jogap berenleriň 2,4%-inde nika dabarasy (bellige almak, dini däp, toý we ş.m.) asla geçirilmedi. Nika dabaralarynyň islendik görnüşi geçirilen aýallaryň arasynda jogap berenleriň 4,1%-i nika/gatnaşyga 18 ýaşdan öň giripdir.

# 4 ADAMSY/ÝOLDAŞY TARAPYNDAN AÝALLAR BABATDA ZORLUK

## DÜNÝÄDÄKI WE ÝAKYN DÖWLETLERDÄKI ÝAGDAÝLAR

Barlaglaryň görkezmegine görä, ählumumy derejede jynsy ýoldaşy, ýagny adamsy ýa-da gatnaşykda bolan ýoldaşy tarapyndan zorluk (JÝTZ) aýallar babatda zorlugyň iň giň ýaýran görnüşidir. JÝTZ-niň ýaýrawlylygy Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy tarapyndan işlenip düzülen[10] görkeziji bolup, ol haýsy hem bolsa bir ýurtda ýa-da dünýäniň sebitinde aýallar babatda zorlugyň derejesini seljermek üçin halkara bazarlarynda ulanylýan görkezijidir.




Türkmenistanda geçirilen synyň görkezmegine görä, 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň 12%-i adamsy ýa-da ýoldaşy tarapyndan (häzirki ýa-da öňki) fiziki we/ýa-da jynsy zorluga sezewar edilipdir, ýagny **ýurtda nikada ýa-da gatnaşykda duran ýa öň bolan her sekizinji aýal** bu hili tejribä eýe.




Zenanlar **fiziki** we / ýa-da **jynsy esasly zorluga** sezewar bolandyr

BSGG-niň maglumatlaryna görä, **dünýäde her üçünji aýal (35%)** ömrüniň dowamynda haçanam bolsa adamsy, gatnaşykdaky ýoldaşy ýa-da başga birisi tarapyndan fiziki we/ýa-da jynsy zorluga sezewar edilipdir[11]. Şol bahalandyrmalara görä, aýallaryň 25%-den gowragy azyndan bir gezek adamsy ýa-da gatnaşykdaky ýoldaşy tarapyndan fiziki we/ýa-da jynsy zorluga sezewar edilipdir. Şol bir wagtda dünýäniň dürli döwletlerinde JÝTZ-niň ýaýrawlylyk derejesi diýseň üýtgeýär (Gruziýada 6%-den Owganystanda 51%-e çenli)[12].
.

JÝTZ-niň ýaýrawlylygynyň milli görkezijisi Ýewropa sebiti boýunça görkezijiler bilen, şeýle hem Merkezi Aziýanyň we Günorta Kawkazyň birnäçe döwletleriniň maglumatlary bilen barabar. Ol 25%-e barabar (BSGG, 2013 ý.). Şol bir wagtda Türkmenistan boýunça maglumatlar Gyrgyzystandaky (26,6%) we Täjigistandaky (26,4%) ýagdaýa garanyňda, Gazagystanda (16.5%[13]) we Günorta Kawkazda alnan maglumatlara ýakyn.

Dowam edýän zorluk boýunça maglumatlar birmeňzeş ýörelgä eýe. Türkmenistanda haçan hem bolsa nikada ýa-da gatnaşykda bolan aýallaryň 3,4%-i soňky 12 aýda adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we/ýa-da jynsy zorluga sezewar edilendigini habar berdi. Häzirki zorlugyň derejesi Gazagystanda (4,7%) we Ermenistanda (4%) alnan görkezijilere ýakyn bolup, Gyrgyzystanda (17,1%) we Täjigistanda (19%) ýüze çykarylan ýagdaýlardan ep-esli aşakdyr.

[10]Global and regional estimates of violence against women: prevalence and health effects of intimate partner violence and nonpartner sexual violence, WHO, 2013
[11]Violence against women Prevalence Estimates, 2018. Global, regional and national prevalence estimates for intimate partner violence against women and global and regional prevalence estimates for non-partner sexual violence against women. WHO: Geneva, 2021
[12]Coll CVN, Ewerling F, García-Moreno C, et al Intimate partner violence in 46 low-income and middle-income countries: an appraisal of the most vulnerable groups of women using national health surveys BMJ Global Health 2020;5:e002208
[13]Gazagystanda barlag 18-75 ýaş aralygyndaky aýallaryň arasynda geçirildi., ser. Aýallar babatda seçip alma esasly syn Gazagystan, sah 60, Astana, 2017, kazakhstan vaw reportfinalrussep2017compressed.pdf (unwomen.org).

1-nji surat.

**Merkezi Aziýa we Günorta Kawkaz ýurtlarynda adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we /ýa-da jynsy zorlugyň ýaýrawlylyk derejesi, göterimlerde**




Belläp geçsek, Türkmenistan üçin, edil Gazagystan we Gruziýa üçin bolşy ýaly, JÝTZ-niň ömrüň dowamynda we soňky 12 aýda ýaýraw derejesiniň düýpli tapawut etmegi häsiýetlidir. Bu diýildigi, **aýallar ýakynda ýa-da dowam edýän wagtda bolup geçen zorluk barada ömrüniň dowamynda haçan hem bolsa bir wagt bolan zorluga garanda seýrek habar beripdirler**. Bu ýagdaý jogap berijileriň ömrüniň häzirki döwri barada gürrüň bermek islemeýändiginiň ýa-da howatyrlanýandygynyň netijesi bolup biler. Bu ýagdaýda çykgynsyz ýagdaýda bolan hem-de kömek sorap ýüz tutmaga milt edip bilmeýän aýallar üçin töwekgelçiligiň çynlakaýdygyna düşünmek aýratyn wajypdyr.

Öýdäki zorlugy özgeler bilen maslahatlaşmagy gadagan edýän medeni gadaganlyklar, ar alynmak gorkusy, ykdysady we sosial böwetler aýallaryň zorluk hakynda gürrüň bermezligine sebäp bolýar. Öýdäki zorlugyň kadalaşmagy hem pikir soraşmanyň barşynda aýallaryň bu tejribesi barada habar bermezliginiň sebäbi bolup biler. Şular ýaly faktorlar dowam edýän zorlugyň çeşmesiniň aýalyň häzirki adamsy ýa-da ýoldaşy bolan wagtyndaky ýagdaýlarda aýratyn möhüm orny eýeleýär.

## ZORLUGYŇ DÜRLI GÖRNÜŞLERINIŇ ÝAÝRAWLYLYGY

Aýallar babatda zorlugyň seljermesiniň halkara tejribesi zorlugyň birnäçe görnüşlerini tapawutlandyrýar: **fiziki, jynsy, psihologiki, ykdysady**. Nika zorlamak, irki nika, kiber yzarlamak ýaly dürli däp görnüşli bolan ýa-da täze tejribeleri hem zorlugyň görnüşlerine degişli edilýär. Fiziki, jynsy we psihologiki zorlugyň ýaýrawlylygy ýurt we sebit jähtinde has ýygy-ýygydan ölçenilýär. Şol bir wagtda BSGG-niň kabul etme usulyýeti aýalyň fiziki we jynsy saglygyna zyýan ýetirýän ol ýa-da beýleki anyk hereketler barada (ýa-da hereket etmek gorkusy) soraglaryň tapgyryny bermek arkaly zorlugyň barlygyny kesgitleýär. Psihologik zorluk hem aýalyň mertebesini peseldýän, onuň psihologik saglygyna zyýan ýetirýän hereketleri ýüze çykarýan anyk hereketleri kesgitlemek arkaly kesgitlenilýär[14]. Belläp geçmeli zatlaryň biri, zorlugyň ähli görnüşleri anyk alnan medeni we sosial gurşawda ýöriteleşdirilen häsiýetli aýratynlyklary alyp biler, bu bolsa olary ýüze çykarmaklygy has hem kynlaşdyrýar.

[14]Zorlugyň her bir görnüşi üçin amaly kesgitlemeler "Synyň usulyýeti" bölüminde görkezilýär.

**Synyň netijeleriniň** görkezmegine görä, adamsy ýa-da ýoldaşy tarapyndan aýallar babatda zorlugyň dürli görnüşleriniň ýaýrawlylygy Türkmenistanda şu görnüşdedir: 11,4% - fiziki zorluk, 2,7% -jynsy zorluk we 10,6% - psihologik zorluk[15] . Şeýlelikde, beýleki köp sanly döwletlerdäki tejribe ýaly, Türkmenistanda jogap berijileri jynsy zorluk barada has seýrek habar berdiler. Bu bolsa tejribäniň aýratyn şikeslenme hem-de medeni derejede tagmalaşdyrylmagy, şeýle hem zorlugyň pidasyna jemgyýetçilik hem-de maşgala basgysynyň güýçli bolmagy bilen baglydyr.

2-nji surat.
**Nikada duran ýa-da öň bolan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň arasynda zorlugyň dürli görnüşleriniň ýaýrawlylyk derejesi, göterimlerde**




Synyň görkezmegine görä, häzirki wagtda nikada/gatnaşykda duran we **özbaşdak gazanjy bolan** aýallaryň 13,3%-iniň hadan hem bolsa adamsy ýa-da ýoldaşy tarapyndan ykdysady zorluga sezewar edilipdir. Adamsyniň ýa-da maşgala agzalarynyň razylygy bolmazdan, emlägini häzirki wagtda nikada / gatnaşykda duran aýallaryň arasynda 83,4%-i satyp bilmeýär. Bu zorluga garşy durmaşa ýa-da gatnaşyklary terk etmäge karar berýän aýallar üçin zerur bolan serişdeleri güýçli çäklendirýär.

Aýalyň erkini çäklendiriji funksiýasy adamsynyň/ýoldaşynyň orny nukdaýnazaryndan seljerildi we aýalyň we onuň ýoldaşynyň özara gatnaşyklaryny öz içine alýan ekologiýa nusgasynyň bir bölümine degişlidir. Muňa garamazdan, aýalyň erkini çäklendiriji häsiýeti barada maglumatyň gymmaty dolandyrmagyň we çäklendirmegiň ýaýran tejribeleriniň anyk alnan jemagatda ýa-da tutuş jemgyýetde bar bolan gender kadalary barada düşünje berýändiginde jemlenýär. Aýalyň erkini çäklendiriji häsiýet baradaky maglumatlar diňe bir adamsy ýa-da ýoldaşy tarapyndan çäklendirmegiň näderejede ýaýrandygy barada däl, eýsem, jogap berijiniň durmuşynda çäklendirmegiň haýsy görnüşiniň has köp ýaýrandygy barada netije çykarmaga kömek edýär.

Alnan **netijelere görä, jogap berenleriň 41,1%-iniň** ömrüniň dowamynda iň bolmanda bir gezek adamsy/ýoldaşy tarapyndan aýalyň erkini çäklendiriji häsiýetini alyp barmagyň ol ýa-da beýleki görnüşine sezewar edilipdir. Aýalyň öýden çykmagynyň, onuň köpçülikleýin gurşawa elýeterliliginiň çäklendirilmegi dolandyrmaklygyň has giň ýaýran görnüşleri bolup durýar. Bu ýagdaýda jogap berenleriň 22,1%-i sezewar edilipdir. Bu gadaganlyk aýaly diňe bir garaşly, degişlilikde bolsa zorlukly hereketler üçin gowşak etmek bilen çäklenmän, eýsem, zyýan edijiniň hereketlerinden goranmak we kömek gözlemek mümkinçiliklerini hem düýpli çäklendirýär. Adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we /ýa-da jynsy zorluga sezewar edilen zenanlaryň arasynda çäklendiriji özüňi alyp barşa sezewar edilenleriň bu hili tejribesi bolmadyklar bilen deňeşdirilende has köpdügi bellärliklidir.

[15]Nikada duran ýa-da öň bolan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallar

3-nji surat.
**Häzirki (soňky) adamsy/ýoldaşy tarapyndan dürli görnüşli çäklendiriji hereketi başdan geçiren 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň göterim paýy**




Synyň görkezmegine görä, aýalyň **erkini çäklendirmegiň has köp ýaýrawlylygy boýunça ikinji ýerde durýany** — öýüň daşynda okamaga we işlemäge gadaganlyk. Pikir soraşma gatnaşan her bäşinji aýal (20,7%) adamsy ýa-da ýoldaşy oňa öýüň daşynda işlemegi ýa okamagy gadagan etmegi bilen ýüzbe-ýüz bolupdyr. Gadaganlyk aýallar üçin bilim almak, hünäre, ykdysady garaşsyzlyga, şahsyýetleýin ösüşe, psihologik saglyga we sagdyn durmuş ýörelgesine eýe bolmak ulgamlarynda mümkinçilikleri böwetleýär. Aýalyň erkini çäklendiriji häsiýet bilen adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorlugyň arasyndaky baglanyşyk, bir tarapdan, aýallaryň zyýan ýetirijä garaşlylygynyň güýçlenmeginden, beýleki tarapdan, aýalyň daşky dünýäden hem-de oňa zorlukdan guralan gatnaşyklardan aýrylmaga kömek edip biljek sosial goldaw bilen aragatnaşygynyň çäklendirilmeginden ybaratdyr.

Aýalyň erkini çäklendiriji häsiýet diňe bir maşgalanyň içindäki gender deňsizligine daýanman, eýsem, gadaganlyklaryň özüni bolşy ýaly, olar üçin temmileri hem aklaýan jemgyýetiň gatnaşyklaryna hem daýanýar. 2019-njy ýylyň Köp sanly görkezijiler boýunça Klaster synynyň (MICS) maglumatlaryna görä, 15-49 ýaş aralygyndaky aýallaryň aglaba bölegi (58,4%) adamsy tarapyndan goýlan çäklendirmeleriň bozulmagyny we borçlaryň ýerine ýetirilmezligini adamsynyň aýalyny urmagy üçin ýeterlik sebäp hasaplaýar.

Jemgyýetiň bir böleginiň bu hili gatnaşygy zorlugy gender gadaganlyklarynyň bozulmagy üçin temmi beriji wezipäni ýerine ýetirýän we maşgalada häkimiýetiň, serişdeleriň we borçlaryň kesgitli gender paýlanylmagyny goldaýan hökmünde aklaýan gurşawy döredýär. Şeýlelikde, mysal üçin, MICS-iň jogap berijileriniň 19,2%-iniň pikirine görä, aýalyň adamsynyň rugsady bolmazdan öýden çykmagyny aýalyň urulmagy üçin ýeterlik esas hasaplaýar. **Häzirki synyň** görkezmegine görä, öýden çykmaga, okuwa we öýüň daşyndaky işe gadaganlyk aýalyň erkini çäklendiriji häsiýetiň has giň ýaýran görnüşleri bolup durýar. Öz gezeginde, sosial üzňelik hem-de özbaşdak serişdä eýe bolup bilmezlik aýaly öýdäki zorluk üçin has ejiz hala getirýär (diýmek, aýalyň erkini çäklendiriji häsiýetiniň agdyklyk edýän maşgalalarynda zorluk derejesi ýokary) we degişli edaralar tarapyndan zerur bolan goragy we goldawy hödürlemek üçin böwetleri döredýär.

4-nji surat.
**Aýalyň erkini çäklendiriji häsiýetiň, öýdäki zorlugyň we gender rollarynyň düşünjeleriniň baglanyşygy**




**Zorlugyň dürli görnüşleriniň** bu hereketi edijiler tarapyndan ugurdaş we birek-birege bagly görnüşde ulanylýan ýagdaýlary seýrek däl. Netijede, ýoldaşy tarapyndan fiziki häsiýetli zorlukly hereketler deslapdan uzak wagtlyk psihologik zorlukdan başlanyp bilner, jynsy zorluk bolsa, fiziki şikes ýetirmek haýbatlarynyň netijesinde amala aşyrylyp bilner. Şol bir wagtda ykdysady zorluk (mysal üçin, haçan-da ýoldaşyň ähli puluňy ýa-da şaý-sepleriňi eliňden alsa) aýaly garaşly ýagdaýda goýýar we onuň fiziki, psihologiki ýa-da jynsy zorluk ýagdaýyndan çykmagyny has kynlaşdyryp goýýar. Şeýlelikde, JÝTZ-niň dürli görnüşleri «basyş we dolandyryş aýlawyny»[16] — biri-beýlekisiniň täsirini güýçlendirýän we zorlugyň pidasyna ýetirilýän şikesi agyrlaşdyrýan zorlukly tejribeleriň toplumyny emele getirýär.

Türkmenistanda häzirki ýa-da öňki adamsy ýa-da ýoldaşy tarapyndan ömründe haçan hem bolsa bir ýa-da birnäçe görnüşli zorluga sezewar edilendigi barada habar beren aýallaryň paýy 16,1%-e deň boldy, ýagny her altynjy aýal bu hili tejribä eýe. Pikir soraşmanyň netijeleri zorlugyň üç görnüşine hem sezewar edilen aýallaryň toparyny ýüze çykarmaga kömek etdi. Haçan hem bolsa nikada ýa-da gatnaşykda bolan aýallaryň arasynda 2%-i ömrüniň dowamynda fiziki zorlugy bolşy ýaly, jynsy we psihologiki zorlugy başdan geçiripdirler.

[16]The Wheel of Power and Control gender zorlugynyň dürli görnüşleriniň täsirini seljermegiň halkara tejribesinde giňden ulanylýaan guraly bolup durýar. Usulyýet Domestic Abuse Intervention Programs guramasynyň gender zorlugynyň seljermesiniň Duluss nusgasynyň çäklerinde işlenip düzüldi. Understanding the Power and Control Wheel - Domestic Abuse Intervention Programs (theduluthmodel.org)

5-nji surat.
**Adamsy/ ýoldaşy tarapyndan zorlugyň islendik görnüşine (fiziki, jynsy we/ýa-da psihologiki) we ähli üç görnüşine sezewar bolan, nikada duran ýa-da nikada/gatnaşykda öň bolan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň göterim paýy**




Synyň görkezmegine görä, Türkmenistanda pikir soraşma **gatnaşanlaryň 5,4%-i**[17] soňky 12 aýyň dowamynda adamsy/ ýoldaşy tarapyndan iň bolmanda bir gezek fiziki, jynsy we/ýa-da psihologiki zorlugyň pidasy bolupdyr. Soňky 12 aýyň içinde zorlugyň ähli üç görnüşiniň (fiziki, jynsy we/ýa-da psihologiki) ýaýrawlylygyny ölçeýän görkeziji DÖM-5 üçin — Ähli aýallaryň we gyzlaryň gender deňligini we hukuklaryny hem-de mümkinçiliklerini üpjün etmek — Durnukly ösüş maksatlarynyň ileri tutulýan görkezijileriniň sanawyna goşuldy (görkeziji 5.2.1)[18].

Soňky 12 aýyň dowamynda JÝTZ-niň ýaýrawlylygyny görkezýän görkeziji gaýragoýulmasyz çäreleriň görülmegini talap edýän häzirki ýagdaýa baha bermäge mümkinçilik berýär. Muňa garamazdan, pidalara gyssagly kömegi ýola goýmakda bolşy ýaly (şol sanda aýalyň ömri we jan saglygy gönüden-göni howp astynda bolanda), köp ýyllyk toplumlaýyn çäreleri işläp düzmekde we öýdäki zorlugyň öňüni almak boýunça işde görkezijileriň ikisi hem gymmatlydyr. Düşünmeli zatlaryň biri, zorluk gysga wagtlaýyn bolşy ýaly, uzakwagtlaýyn täsire hem eýedir. Fiziki saglyga, sosial we ykdysady işjeňlige zeper, şeýle hem zorluga sezewar edilen aýallaryň we olaryň maşgala agzalarynyň psihologik şikesleri zorluk hereketiniň amal edilmeginden soň ençeme ýyllaryň dowamynda galyp biler.

## AÝALLAR BABATDA ZORLUGA SEBÄP BOLÝAN SOSIAL-DEMOGRAFIKI FAKTORLAR

Utgaşdyrylan ekologiýa nusgasynyň çäklerinde synyň netijeleriniň seljerilmegi aýallar babatda zorlugyň ýaýrawlylygynyň derejesine barabar edilen birnäçe faktorlary ýüze çykarmaga mümkinçilik berdi.

### Sebitleýin aratapawutlar

Türkmenistanda adamsy/ýoldaşy tarapyndan aýallar babatda zorlugyň ýaýrawlylyk derejesi sebitine görä üýtgeýär. Synyň görkezmegine görä, beýleki welaýatlar bilen deňeşdirilende, **Lebap welaýatynda** ömründe haçan hem bolsa adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki zorluga sezewar edilendigi hakynda habar beren aýallaryň paýy has ýokary boldy (17,1%). Fiziki zorlugyň ýaýrawlylyk derejesi boýunça ikinji ýerde Daşoguz welaýaty ýerleşdi (12,4%). Bu görkeziji beýleki sebitlerde Balkan welaýatynda 7,3%-den Ahal welaýatynda 9,5%-e çenli üýtgeýär. Soňky 12 aýda fiziki zorlugyň sezewar edilmeginiň derejesi boýunça ýagdaý sebitleýin bölünişikde başgaça bolýar. Aşgabat şäherinde aýallaryň 4,1%-i soňky 12 aýda adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki zorluga sezewar edilendigini habar beren bolsa, beýleki welaýatlarda zorlugyň ýaýrawlylyk derejesi Mary welaýatynda 2,4%-den Daşoguz we Lebap welaýatlarynda 3,2%-e çenli aralykda boldy.

[17]Nikada ýa-da gatnaşykda duran (öň bolan) aýallar göz öňünde tutulýar
[18]https://unece.org/fileadmin/DAM/stats/documents/ece/ces/ge.30/2018/may/Session_2_Berdikeeva_RUS.pdf

6-njy surat.
**Häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki zorluga sezewar edilen aýallaryň welaýatlar boýunça göterim paýy**




Aýallaryň psihologiki zorluga we adamsy/ýoldaşy tarapyndan ömrüniň dowamynda çäklendiriji özüňi alyp barşa sezewar edilmek boýunça görkezijileriň sebitleýin aratapawudy birmeňzeş görnüşi görkezýär. Lebap (15,7%) we Daşoguz (12,5%) welaýatlaryndan jogap berenler beýleki welaýatlara garanyňda psihologik zorluga sezewar bolandyklary barada has ýygy-ýygydan habar berdiler. Daşoguz we Lebap welaýatlarynda takmynan her ikinji aýal (degişlilikde, 47,5% we 48,6%) ömrüniň dowamynda haçan hem bolsa çäklendiriji özüňi alyp barşyň görnüşiniň biri bilen ýüzbe-ýüz bolup görüpdirler.

7-nji surat.
**Häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan psihologik zorluga sezewar edilen aýallaryň welaýatlar boýunça göterim paýy**



8-nji surat.

**Häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan erkini çäklendiriji özüňi alyp barşa sezewar edilen 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň welaýatlar boýunça göterim paýy**




Häzirki wagtda nikada ýa-da gatnaşykda duran we özbaşdak gazanjy bolan aýallaryň arasynda ykdysady zorlugyň ýaýrawlylyk derejesi üç welaýatda (Daşoguz, Lebap we Mary) ýurt boýunça orta görkezijiden ýokary (degişlilikde, 16.3%, 14.1% we 13.9%). Maglumatlaryň şaýatlyk etmegine görä, agzalan welaýatlardaky jogap berijiler adamsy/ýoldaşy olaryň gazanjyny ýa-da ýygnan puluny elinden alan ýagdaýlary bilen ýygy-ýygydan duş bolupdyrlar. Şol bir wagtda, paýtagtda ýaşaýan aýallar köplenç adamsynyň/ýoldaşynyň talaby bilen işinden çykmaga ýa-da teklip edilen işden boýun gaçyrmaga mejbur bolupdyr.

9-njy surat.

**Häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan ykdysady zorluga sezewar edilen 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň welaýatlar boýunça göterim paýy**




Paýtagt gurşawynda we welaýatlarda ykdysady zorluga deň bolan dürli hereketler gazanjyň dürli mümkinçilikleri we hünär ösüşi bilen bagly bolup biler. Şeýlelikde, şäher ýerlerinde ýaşaýan aýallarda işi öýden daşynda işlemek bilen bagly bolup, işden çykmaklyk köplenç maliýe serişdelerine elýeterliligi çäklendirip biler. Şol bir wagtda oba ýerlerinde aýallaryň aglabasy hojalyk ýerlerinden alýan önümlerini satmagyň hasabyna gazanç edýärler. Öýdäki zorlukdan goraýan çäre hökmünde aýallaryň ykdysady garaşsyzlygyny goldaýan maksatnamalar, şeýle hem zorlugyň pidalarynyň ykdysady gaýtadan dikelmesiniň maksatnamalary synyň barşynda ýüze çykarylan ykdysady zorlugyň sebitleýin häsiýetli aýratynlygyny nazara almaly.

Birnäçe welaýatlarda zorlugyň birnäçe görnüşleri we aýalyň erkini çäklendiriji häsiýeti boýunça yzygiderli has ýokary görkezijiler ýerlerde ýagdaýlaryň has çuňlaşdyrylyp öwrenilmeginiň wajypdygyny habar berýär. Şol bir wagtdajynsy zorluk bilen bagly ýagdaý san taýdan başga: Aşgabat boýunça görkezijiler welaýatlara garanyňda ýokary. Netijeler açylyp görkezilende ýurduň dürli böleklerinde, şeýle hem şäher we oba ýerlerinde jynsy we fiziki zorluk temasynyň duýguçyllygynyň we gadaganlygynyň dürli derejesini nazara almak zerur. Halkara barlaglaryň görkezmegine görä, jynsy zorluk temasy, adatça, fiziki ýa-da psihologiki zorluk temasyna garanyňda has ýapyk we has duýguly bolup durýar.

10-njy surat.
**Häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan jynsy zorluga sezewar edilen 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň welaýatlar boýunça göterim paýy**




Medeni kadalar we gadaganlyklar köplenç halatda jynsy zorlugy umuman zorluk, galyberse-de, özge şahslar tarapyndan jynsy zorlukly hereketler bilen deň görlüp bilinmejek hökmünde kabul etmäge mümkinçilik bermän, aýallaryň, erkekleriň we tutuş jemgyýetiň jynsy zorluga gatnaşygyny emele getirýär. Mümkin, Aşgabatda şäher gurşawy nikadaky aýallaryň hukuklary, maşgalanyň reproduktiw we psihologik saglygy hakynda maglumata has köp elýeterlilik berýändir we şeýlelik bilen jogap berijilere jemgyýete ornaşan gadaganlyklary ýeňip geçmäge we zorlukly hereketleriň kadalaşdyrylmagyna kömek edýändir. Bu bolsa, öz gezeginde, jogap berijileriň meseleler barada gürrüň bermeklerine has uly taýýarlygyny emele getirip biler.

Zorlugyň ol ýa-da beýleki görnüşleriniň ýaýrawlylygynyň derejesiniň sebitler boýunça aratawudy ýerli sosial-ykdysady, demografiki ýa-da medeni jähtden ýüze çykyp biler. Utgaşdyrylan ekologiýa nusgasynda bu faktorlar gönüden-göni ýaşaýan gurşawyna («jemagatyna») degişli edilýär. Käbir sebitleriň näme üçin ýokary howp zolagyna degişlidiginiň sebäbini ýüze çykarmak üçin ýerli faktorlary çuňlaşdyryp öwrenmek zerurdyr. Şular ýaly sebitlerde zorluga garşy göreş boýunça ýörite maksatnamalaryň işlenip düzülmegi we ulanylmagy ýaýrawlylyk derejesini ýokarlandyrýan ýerli faktorlary ýeňip geçmäge gönükdirilen bolmaly[19] .

## Ýaşaýan ýeriniň i görnüşi boýunça aratapawutlar

Synyň netijelerine görä, şäher ýa-da oba ýerlerinde ýaşamaklyk JÝTZ-e täsir etmeýär. Adamsy/ýoldaşy tarapyndan haçan hem bolsa fiziki zorlugyň ýaýrawlylyk derejesi şäher ýerlerinde 10,7%, oba ýerlerinde – 12%-e deň boldy. Psihologiki we jynsy zorlugyň ýaýrawlylygynda hem şular ýaly ujypsyz tapawut hasaba alyndy. Muňa garamazdan, aýalyň erkini çäklendiriji häsiýet şäher ýerlerine (35,5%) garanyňda, oba ýerlerinde (45,7%) has köp ýaýrandyr. Diýmek, ol ýerlerde aýallara maşgaladan daşynda kömek we goldaw tapmak kyn. Öýdäki zorlugyň pidalaryna kömek bermek boýunça öňüni alyş çäreleri we maksatnamalary işlenip düzülende bu ýagdaý göz öňünde tutulmalydyr.

[19]Nazaryýet taýdan, ýaýrawlylygyň has ýokary derejesi ýerli ilatyň öýdäki zorluk meselelerini maslahatlaşmaga has açyklygy bilen baglanyşykly bolup biler. Degişli sebitlerde ýokary hilli barlaglar bu meseläni aýdyňlaşdyryp biler.

11-nji surat.
**Häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan ömrüniň dowamynda zorluga sezewar edilen 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň ýaşaýan ýeriniň görnüşi boýunça göterim paýy**




## Beýleki faktorlar

Zorlugyň derejesiniň aýalyň ýaşy, bilimi, nika derejesi we ilkinji nikasyna/gatnaşygyna giren ýaşy ýaly häsiýetnamalara baglylygy seljerildi.

Alnan netijelere görä, ýaşyň ulalmagy bilen, adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we psihologiki zorluk hakynda habar beren aýallaryň paýy hem yzygiderli artýar, ol görkeziji 50-59 ýaşda seredilip geçilýän ýaş toparlarynyň arasynda iň ýokary derejesine ýetdi (degişlilikde, 15,1% we 13,3%).

12-nji surat.
**Häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan ömrüniň dowamynda zorluga sezewar edilen 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň ýaşaýan ýeriniň görnüşi boýunça göterim paýy, ýaş toparlary boýunça**



Synyň kömegi bilen adamsy ýa-da ýoldaşy tarapyndan zorlugyň pidalary bolandyklary barada has ýygy-ýygydan habar beren jogap berijileriň toparyny ýüze çykarmak başartdy. Ömründe haçan hem bolsa fiziki zorluga sezewar bolup, aýrylyşan ýa-da gatnaşyklaryny bes eden aýallaryň paýy 45,1%, jynsy zorluga sezewar bolanlaryň paýy – 24,3%. Jogap berenleriň ýarysyndan gowragy (51,6%) psihologik zorluk tejribesiniň bardygyny gürrüň berdiler. Bu topardaky jogap berenler köplenç öňki adamsynyň erkini çäklendiriji häsiýeti bolandygy barada habar berdiler (63%). Şol bir wagtda aýallaryň 18,3%-i 4 we ondan köp erkiniň çäklendiriji bolmagyna sezewar bolupdyr. Nikada/gatnaşykda duranlaryň arasynda bu görkeziji 1,8%-e deň.

Bu toparda öňki adamsy tarapyndan zorlugyň we erkini çäklendiriji häsiýetiniň derejesiniň ýokary bolmagyny, gatnaşyklary eýýäm terk eden aýallaryň şikesli tejribelerini has erkin beýan edýändikleri bilen, şeýle hem gatnaşyklaryň köplenç ýagdaýda adamsy/ýoldaşy tarapyndan aýrylyşandan soň hem zorlugyň dowam etmegi netijesinde tamamlanýandygy bilen düşündirip bolar. Käbir daşary ýurt barlaglarynyň görkezmegine görä, aýrylyşmakdan ýa-da gatnaşyklary bes etmekden soň, aýallar öňki ýoldaşy tarapyndan zorlanmak babatda ýokary howp bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar.[20]

Adamsy tarapyndan fiziki zorlugyň ýokary howpy bilen ýüzbe-ýüz bolan jogap berijileriň beýleki bir topary — bu irki nikalaşan aýallardyr (ilkinji nika/gatnaşyga giren ýaşy 18-den aşak). Halkara barlaglarynyň netijelerine görä, irki nika ýoldaşy tarapyndan zorlanmak howpuny ýokarlandyrýan faktor bolup durýar[21]. Syn şuňa meňzeş ýagdaýy ýüze çykardy. Ilkinji nika/gatnaşyga 18 ýaşa çenli giren jogap berijiler 18 ýaşdan soň nikalaşan/gatnaşyga giren jogap berijiler (10,1%) bilen deňeşdirilende, ýoldaşy tarapyndan fiziki zorluk barada has ýygy-ýygydan (24,7%) habar beripdirler. Degişlilikde uly bolmadyk topar (122) uzak möhletleýin netijeleri çykarmaga mümkinçilik bermeýär, emma ýagdaýyň mundan beýläk hem öwrenilmegi talap edýändigi gürrüňsizdir.

Belläp geçsek, fiziki we psihologiki zorlugyň ýaýrawlylygynyň iň ýokary derejesi bellige alnan Lebap welaýaty şeýle hem 18 ýaşa çenli ilkinji nika/gatnaşyga girmegiň hem ýaýrawlylygynyň iň ýokary derejesine eýe bolan sebit bolup durýar (2019-njy ýylyň MICS-iň maglumatlaryna görä, 20-49 ýaşdaky aýallaryň arasynda 9,8%-i[22]).

## Adamsy/ ýoldaşy tarapyndan edilen zorlugyň dürli görnüşleriniň häsiýetnamalary

Häzirki (soňky) adamsy/ýoldaşy tarapyndan soňky 12 aýda fiziki we/ýa-da jynsy zorluk hakynda habar beren jogap berijileriň ýoldaşlarynyň arasynda **30-39 ýaşdaky erkekler ýarysyndan köpdür (53,9%)**. Şuňa çalymdaş ýagdaý psihologik zorluk bolan gatnaşyklar üçin hem häsiýetlidir: 56%, ärleriň/ýoldaşlaryň bu topary 30-39 ýaşda. Şol bir wagtda belläp geçmeli zatlaryň biri, jogap berijileriň ärleriniň/ýoldaşlarynyň ählisiniň arasynda bu ýaş topary 37,4%-e barabar boldy.

«Dowam edýän zorluk» hakynda gürrüň edilýändigini nazara alsaň, bu toparyň kesgitli nesilleýin häsiýetnamalary bilen bolşy ýaly, birnäçe beýleki faktorlara hem bagly bolup biler. Mesele çuňlaşdyrylyp öwrenilmegi talap edýär. Alnan netijeler şeýle hem adamsy/ýoldaşy tarapyndan işiniň ýitirilmegi (işsizlik) adamsy/ýoldaşy tarapyndan maşgaladaky zorluk howpuny ýokarlandyryp biler.

[20]Marybeth L/ Rezey, Separated Women's Risk for Intimate Partner Violence: A Multiyear Analysis Using the National Crime Victimization Survey, Journal of Interpersonal Violence, February 2017, Separated Women's Risk for Intimate Partner Violence: A Multiyear Analysis Using the National Crime Victimization Survey - Maribeth L. Rezey, 2020 (sagepub.com)
[21]Rachel Kidman, Child marriage and intimate partner violence: a comparative study of 34 countries, International Journal of Epidemiology, April 2017, Child marriage and intimate partner violence: a comparative study of 34 countries - PubMed (nih.gov)
[22]2019 Turkmenistan Survey Findings Report (mics-surveys-prod.s3.amazonaws.com)

Ýoldaşy tarapyndan alkogol içgileriniň we/ýa-da neşe serişdeleriniň ýygy-ýygydan ulanylmagy köplenç JÝTZ howpuny ýokarlandyrýan faktor bilen barabarlaşdyrylýar. Netijede, BSGG alkogol we neşe serişdeleriniň ulanylmagyny ýoldaşynyň zorlukly herekete geçmegine iterýän faktorlaryň sanawyna goşýar. Muňa garamazdan, musulman däplerine uýýan jemgyýetlerde alkogol içgileriniň ulanylmagy tagmalaşdyrylyp, giňden ýaýran tejribe bolman biljekdigini nazara almak zerur. Bu synyň görkezmegine görä, jogap berijileriň aglabasynyň (81,5%) häzirki (soňky) adamsynyň/ýoldaşynyň ýaha hiç haçan alkogol içmändigini, ýa-da ony aýda bir gezekden hem seýrek sarp edendiklerini görkezdi. Diýmek, JÝTZ bilen statistiki baglanyşygyň barlygyny anyklamak mümkin bolmady.

Maglumatlaryň görkezmegine görä, fiziki gazabyň maşgaladan daşynda ýüze çykmagy, umuman, seýrek ýagdaý bolupdyr. Jogap berijileriň diňe 3,8%-i adamsynyň/ýoldaşynyň tanyşlygynyň dowamynda beýleki erkekler bilen dawa girendigni habar berdi.

## ADAMSY/ ÝOLDAŞY TARAPYNDAN EDILEN ZORLUGYŇ DÜRLI GÖRNÜŞLERINIŇ HÄSIÝETNAMALARY

Maşgalada özara gatnaşyklaryň çäklerinde zorluk dürli görnüşlere eýe bolýar, agyrlygynyň dürli derejesinde ýüze çykýar we dürli hereketlerde beýan edilýär. Öýdäki zorlugyň has giň ýaýran häsiýetnamalaryna, aýratyn hem JÝTZ düşünmeklik zorlugyň pidalaryna ýetirilýän zyýany has dogry bahalandyrmaga, günäkärleri jezalandyrmak boýunça çäreleri kesgitlemäge we hukuk goraýjy we kazyýet edaralaryny, lukmançylyk we sosial taýdan goramak edaralary we öýdäki zorluga garşy göreş ulgamynda zähmet çekýän beýleki ähli edaralary dogry taýýarlamaga mümkinçilik berýär.

JÝTZ-niň möhüm häsiýetnamalarynyň arasynda **BSGG-niň usulyýeti zorlugyň agyrlyk derejesini**, onuň ýygylygyny, şeýle hem zorlugyň anyk görnüşlerine (fiziki, jynsy ýa-da psihologiki) laýyk gelýän ol ýa-da beýleki hereketleriň ýaýrawlylyk derejesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär[23]. BSGG-niň usulyýeti adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki zorlugy «aram» we «agyr» görnüşlere bölýär. Tende gök yzlaryna, kesimlere, süňküň döwülmegine, garnyndaky çaganyň aýrylmagyna we / ýa-da bejergi almaklyga ýa-da hassahana düşmäge getirmedik hereketler «aram fiziki zorluga» degişli. Ýoldaşyndan gorky ýa-da janyna howp abanar gorkusy ýüze çykmadyk ýagdaýlara getirýän hereketler hem-de aýal göwreli bolmadyk ýagdaýyndaky hereketler hem şu kategoriýa degişlidir[24]. «Agyr fiziki zorluga» tende gök yzlaryna, kesimlere, süňkleriň döwülmegine, göwredäki çaganyň aýrylmagy we/ýa-da bejergi almaga ýa-da hassahana düşmäge getiren hereketler degişli edilýär. Aýalda ýoldaşyndan gorky we/ýa-da öz janyndan gorky döredýän hereketler hem şu kategoriýa degişli edilýär. Bu kategoriýa şeýle hem kimdir biri tarapyndan aýal göwrelikä edilen hereket hem degişli edilýär. Ýumruk ýa-da haýsy hem bolsa bir zat bilen urmak, aýak bilen depmek, ýerde süýremek ýa-da ýençmek, bogmak, bilkastlaýyn tenini ýakmak we pyçak, sapança ýa-da beýleki ýarag bilen haýbat atmak hem netijelerine garamazdan, agyr fiziki zorluk hereketleri hasaplanylýar. Bu şular ýaly hereketleriň agyr ten şikesleriniň ýokary howpuna we psihiki saglyk üçin zyýana getirip biljekdigi bilen şertlenendir.[25]

Synyň maglumatlaryna görä, ýagdaýlaryň aglabasynda adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorluk ýeke gezeklik ýagdaý bolman, **gaýtalanýan hadysadyr**. Adamsy/ýoldaşy tarapyndan bir gezek zorluga sezewar edilen aýal bu hereket bilen soň hem gabatlaşar (fiziki zorluga sezewar bolanlaryň

bolanlaryň diňe **24%**-i we jynsy zorluga sezewar bolanlaryň **21%**-i zorlugyň bir gezek bolandygyny habar berdiler).

Zorluga nähili ýygylykda sezewar edilendigi barada soraga jogap bermedik aýallaryň paýynyň ýokary bolmagy hem ünsi çekýär (29%-den 44%-e çenli).

[23]Guidelines for Producing Statistics on Violence Against Women, Department of Economic and Social Affairs, Statistical Division, United Nations, 2014 NY Guidelines_Statistics_VAW.pdf (un.org)
[24]Şol ýerde
[25]Şol ýerde

13-nji surat.
**Häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan ömrüniň dowamynda zorluga sezewar edilen 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň göterim paýy, wakalaryň ýygylygy boýunça**




Pidany **urmak we zatlary zyňmak** has köp ýaýran zorlukly fiziki hereket bolup durýar (10,6%).

14-nji surat.
**Häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki zorluga degişli sanalyp geçilen hereketlere sezewar bolan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň göterim paýy**




Jynsy zorluk ýagdaýlary köp sanly bolmady. Aýallaryň adamsynyň/ýoldaşynyň esasan fiziki güýji jynsy gatnaşyga zorlamak üçin gural hökmünde ulanandygy ünsi çekýär. Bu netije zorlugyň dürli görnüşleriniň ýakyndan galtaşyp, bilelikde täsirini görkezýär.

15-nji surat.

**Häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan jynsy zorluga degişli hereketlere duçar bolan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň göterim paýy**




«Psihologiki zorluk» kategoriýasyna goşulan hereketleriň arasynda «gorkuzmak» (7,7%) we «kemsitmek» (7,1%) ýaly hereketler has ýaýrandyr. Pidany gorkuzmaga gönükdirilen hereketleriň ýaýrawlylygy aýratyn möhümdir, çünki psihologik zorlugyň bu hili ýüze çykmalary ony agyr görnüşdäki fiziki zorluk bilen baglanyşdyrýar. Adamsy/ýoldaşy ol ýa-da beýleki zatlary fiziki taýdan döwüp, diňe bir psihologik basyş etmek bilen çäklenmän, eýsem, aýala geçmişde bolup geçen agyr fiziki zorluk hereketleri barada hem ýatladyp biler.

16-njy surat.

**Häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan sanalyp geçilen psihologiki zorluga degişli hereketlere duçar bolan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň göterim paýy**



Synyň netijeleri aram fiziki zorluga garanyňda, agyr fiziki zorlugyň has giňden ýaýrandygyny görkezdi. Häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki zorlugy başdan geçiren aýallaryň arasynda agyr fiziki zorluga 64%-i, aram fiziki zorluga – 27,2%-i sezewar edilipdir, bu sowala aýallaryň 8,8%-i jogap bermändir. Soňky 12 aýda fiziki zorlugy başdan geçiren aýallaryň jogaplarynda hem şuňa çalymdaş gatnaşyga gözegçilik edilýär.

17-nji surat.
**Häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan aram we agyr fiziki zorluga sezewar edilen 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň göterim paýy**




Belläp geçmeli möhüm zatlaryň biri, fiziki zorluk barada habar beren aýrylyşan ýa-da gatnaşyklaryny bes eden aýallaryň aglabasy (95%) zorlugyň agyr görnüşini başdan geçirendiklerini habar beripdirler.

**21.6 %**



Ýoldaşy/adamsy tarapyndan zorluga sezewar edilen aýallaryň arasynda **her bäşinjisi** (21,6%) **zorluga göwrelilik wagtynda sezewar edilipdir.** Şol bir wagtda her onunjy aýal (9,6%) adamsynyň/ýoldaşynyň onuň garnynyň töwereklerine dependigini ýa-da urandygyny habar berdi.

Agyr zorlugyň agdyklyk etmegi howsalaly duýduryş bolup durýar we ýowuz hereketleriň giňden ýaýrandygyny görkezişi ýaly, agyr fiziki we psihologiki zyýany bilen bagly zorluk hakynda aýallaryň habar bermäge has doly taýýarlygyny aňladyp biler. Degişlilikde, görnetin zyýan goýmaýan hereketler aýallar tarapyndan kadalaşdyrylýar we «zorluk» hökmünde kabul edilmeýär diýip çaklap bolýar.

Bu hili gatnaşyklar öýdäki zorluk ýagdaýlarynda aýallaryň ýüzbe-ýüz bolýan howplaryny ýokarlandyrýar. «Aram zorlugyň» howpuna kembaha garamaklyk saglyga zyýan ýetirýär, aýallary has ejiz edýär, şeýle hem hukuk goraýjy edaralaryň taýýarsyzlygyna we giç herekete geçmesine getirip bilýär. Synyň görkezmegine görä, agyr zorlugyň ýaýbaňlanmagy köp sanly jübütler üçin hakyky ýagdaýdyr. JÝTZ köplenç haýbatyň we aýalyň erkini çäklendiriji häsiýetiniň güýçlenmegi, soňra bolsa has ýowuz zorluklara herekete geçilmegi nusgasynda ýaýbaňlanýar. Mysal üçin, ABŞ-da zorlamanyň pidalarynyň bäşisiniň üçüsi eýýäm öýdäki zorluk barada öňünden habar beripdirler, hasaba alnan zorlaýjylaryň aglaba bölegi bolsa, zorlukly häsiýetli hereketleri gaýtadan has agyr görnüşde edipdirler.[26]

[26]Lyn Shipway, Domestic Violence. A Handbook for Health Professionals, pp 24-25

# 5 BEÝLEKI ŞAHSLAR TARAPYNDAN ZORLUK

Synyň barşynda esasy ünsüň adamsy ýa-da ýoldaşy tarapyndan zorlukly hereketler meselesine gönükdirilendigine garamazdan, syn adamsy/ýoldaşy bolup durmaýan şahslar tarapyndan hem zorlugyň ýaýrawlylyk derejesini kesgitledi. Alnan netijelere görä, beýleki şahslar (adamsyndan/ýoldaşyndan başga islendik şahs) tarapyndan fiziki zorluga ömrüniň dowamynda 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň 2,4%-i[27] sezewar edilipdir. Şol bir wagtda maşgala agzalary (adamsyndan/ýoldaşyndan başga) tarapyndan fiziki zorluga sezewar edilenleriň paýy 1,9%, maşgala agzasy bolup durmaýan şahslar tarapyndan fiziki zorluga sezewar edilenleriň paýy – 0,5%-e deň boldy.

18-nji surat
**15 ýaşyndan soň, islendik şahs (adamsyndan/ýoldaşyndan başga) tarapyndan haçan hem bolsa fiziki zorluga sezewar edilen 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň göterim paýy**




Fiziki zorlugyň ýaýrawlylygynyň ikinji çeşmesi (adamsyndan/ýoldaşyndan soň) **ejeler bolup durýar**. Emma ejesi tarapyndan fiziki zorluk barada habar beren aýallaryň paýy (1,2%) adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki zorluk barada habar beren (10,3%) aýallardan takmynan 9 esse azdyr[28].

Syn ömrüniň dowamynda (15 ýaşyny doldurandan soň) maşgala agzalary (adamsyndan/ýoldaşyndan başga) jynsy zorluga sezewar edilenleriň sanaýmaly ýagdaýyny ýüze çykardy we başga şahslar tarapyndan jynsy zorlugyň az mukdaryny (0,3%) görkezdi. Söhbetdeş bolýanlar bilen gürrüňdeşligiň barşynda aýallar 15 ýaşa çenli döwürde jynsy zorluga sezewar bolandygy barada örän seýrek habar berdiler. Muňa garamazdan, söhbetdeşligiň ahyrynda jogap berijilere bu sowala özbaşdak jogap bermäge mümkinçilik döredildi. Ýagny, olar ýörite sowalnamany doldurup, ony at we maglumat ýazylmadyk bukja goýdular. Pikir soraşmanyň bu görnüşi jogap berenleriň **1,6%-iniň çagalyk** ýyllarynda (15 ýaşa çenli) **jynsy zorlugyň pidasy bolandygyny görkezdi.**

Alnan netijeler halkara barlaglarynda ençeme gezek bellige alnan ýörelgeleri tassyklaýar. **Aýallar babatda zorlugyň esasy çeşmesi** maşgaladan daşyndaky şahslar däl-de, **maşgala agzalarydyr.**

[27]Maglumatlar jogap berijiniň 15 ýaşyny doldurandan soň bolup geçen zorluga degişli
[28]Adamsy / ýoldaşy tarapyndan fiziki zorluk barada habar beren 18-59 ýaş aralygyndaky zenanlaryň arasynda

# 6 ZORLUGYŇ AÝALLARYŇ SAGLYGYNA WE ÇAGALARYŇ ABADANÇYLYGYNA TÄSIRI

Fiziki we jynsy zorluk aýalyň saglygyna agyr şikes ýetirýär. Zorlugyň netijeleri zorlukly hereketleriň gönüden-göni netijesi bolup durýan ten şikesleribolşy ýaly, ençeme ýyllap dowam edip biljek fiziki, psihiki we reproduktiw saglyk meseleleri hem bolup biler.

Syn JÝTZ bilen (fiziki we/ýa-da jynsy) haçan hem bolsa ýüzbe-ýüz bolan aýallaryň üçden biriniň (32,4%) dürli agyrlyk derejede ten şikeslerini alýandygyny görkezdi. Bu kategoriýadaky **aýallaryň 40%-den gowragynda** adamsy/ýoldaşy birnäçe (3-5 gezek) ýa-da köp gezek (5-den köp) fiziki şikesleri ýetirdi. JÝTZ-ni başdan geçiren aýallaryň 5,5%-i adamsynyň/ýoldaşynyň hereketleri zerarly lukmançylyk kömegini sorap ýüz tutdular. Muňa garamazdan, lukmançylyk kömegini sorap ýüz tutanlaryň aglabasy **lukmançylyk işgärlerine zorluk barada habar bermändirler.**

Adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorluk tejribesi bolmadyk aýallar (61,5%) umumy saglyk ýagdaýyny JÝTZ-ni başdan geçiren aýallara (43,6%) garanyňda «gowy» ýa-da oňat» diýip bahalandyrýarlar. Syn aýalyň durmuşynda zorluk tejribesiniň bolmagy söhbetdeşlikden öň gönüden-göni soňky dört hepdäniň dowamynda saglygy bilen bagly anyk meseleleriň aşa ýaýrawlylygyna barabarlaşdyrylýandygyny görkezdi. Adamsy/ýoldaşy tarapyndan haçan hem bolsa fiziki we/ýa-da jynsy zorluga sezewar bolan her ikinji aýal ýygy-ýygydan kellagyry (56,5%), dartgynly ýagdaý (55,1%), hemişe ýadawlyk duýgusy (47,3%) ýaly saglyk bilen bagly meseleler barada habar berdiler. Şeýle hem olar çalt ýadaýandyklary (35%), elleriniň titreýändigi (22,5%), adatdakysyndan köp aglaýandygy (21,5%) we gorky duýgusyny başdan geçirýändigi (17,9%) barada aýdýarlar. Beýleki meseleler az ýaýrawlylyk derejesine eýe, emma JÝTZ tejribesi bolan aýallar olar barada ýygy-ýygydan habar berdiler.

19-njy surat.
**Soňky dört hepdäniň dowamynda saglygy bilen bagly anyk meseleleri bolan nikada/gatnaşykda duran/öň bolan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň göterim paýy**



19-njy surat.
*(dowamy)*




Syn adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorlugyň pidalarynyň zorluk tejribesi bolmadyklara garanyňda reproduktiw saglyk ulgamynda meseleler bilen has ýygydan ýüzbe-ýüz bolýandygyny görkezdi. Adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we/ýa-da jynsy zorlugy başdan geçiren aýallaryň arasynda 33,5%-i çagasyny aýyrdypdyr, 26%-iniň çagasy düşüpdir, 6,3%-i öli çaga dogrupdyr.

Häzirki adamsy/ýoldaşy kontrasepsiýa ulanmakdan ýüz öwren aýallaryň paýy 3%. Sanynyň azlygy zerarlygy kontrasepsiýa ulanmak bilen zorluga ýykgyn etmegiň arasyndaky garaşlylygy ýüze çykarmak mümkin hasaplanylmaýar.

20-nji surat.
**Haçan hem bolsa göwreli bolup, reproduktiw saglygyna ýaramaz täsir alan, nikada/gatnaşykda bolan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň göterim paýy**



Öýdäki zorluk diňe bir pida degişli bolman, eýsem, maşgala agzalarynyň ählisine hem degişlidir. Şu synyň görkezmegine görä, adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki zorluga ýol berlen maşgalalarda çagalar urulmak ýagdaýyna şaýat bolýarlar. Şular ýaly maşgalalaryň dörtden birinde (25,5%) **çagalar** iň bolmanda bir gezek **urlup duran ýagdaýa şaýat bolupdyrlar**. Zorluk gören aýallar köplenç şol zorluk wagtynda maşgala agzalaryndan kimiň şol wagt bardygyny bilmeýärler. Netijede, jogap berenleriň köpüsi (28,5%) çagalarynyň zorluk hereketini görendigini ýa görmändigini bilenok. Şol bir wagtda adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorluk tejribesi bolan aýallaryň 5,9%-i adamsynyň/ýoldaşynyň çagalaryna-da el galdyrandygyny habar berdiler.

Adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we /ýa-da jynsy zorluga sezewar edilen aýallaryň maşgalasynda çagalar gijeki gorkular, gijelerine ýerine buşukmak, utanjaňlyk/ýygralyk, gaharjaňlyk ýaly meselelerden ejir çekýärler. Netijeleriň görkezmegine görä, JÝTZ tejribesi bolan we 5-12 ýaşdaky çagasy bolan aýallaryň 61,3%-inde çagasynyň iň bolman birinde şular ýaly meseleler bolupdyr. JÝTZ tejribesi bolmadyk hem-de 5-12 ýaşdaky çagasy bolan aýallarda bu görkeziji 45,7%. JÝTZ-niň başdan geçiren aýallar çagalarynyň iň bolmanda biriniň 3 we ondan köp meselelerden ejir çekýändigini (16%) adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorluk görmedik aýallara (7,8%) garanyňda 2 esse az habar berdiler.

21-nji surat.
**Haçan hem bolsa nikada bolan we 5-12 ýaşdaky çagasy bar bolan, azyndan çagalarynyň biri gijeki gorkular, gijelerine ýerine buşukmak, ýygralyk/utanjaňlyk, gaharjaňlyk ýaly meseleleriň birinden ejir çekýän 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň göterim paýy**



# 7 ADAMSY/ÝOLDAŞY TARAPYNDAN EDILÝÄN ZORLUGY ÝEŇIP GEÇMEGIŇ STRATEGIÝASY

Öýdäki zorlukdan ejir çeken aýallaryň aglabasy köplenç bu barada hiç kime aýtmaýarlar. Aýallaryň diňe 36,8%-i bu tejribesi barada kimdir birine gürrüň berendiklerini aýtdylar. Jogap berijiler adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorluk barada köplenç ene-atasyna (23,8%), has seýrek ýagdaýda adamsynyň maşgalasyna (13,1%) we beýleki maşgala agzalaryna (11,1%) aýdýarlar.

22-nji surat.
**Häzirki ýa-da öňki ýoldaşy tarapyndan zorlukly herekete sezewar edilendigi barada kimdir birine habar beren, nikada/gatnaşyklarda duran ýa-da öň bolan hem-de fiziki we/ýa-da jynsy zorluga sezewar edilen, 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň göterim paýy**




Şäher we oba gurşawynda aýalyň özüni alyp barşynyň tapawutlydygyny bellemek gerek. Şäher ýerlerinde ýaşaýan zorlugyň pidalary oba ýerlerinde ýaşaýan zorlugyň pidalaryna garanyňda maşgaladaky zorluk barada aýtmaga has kararly bolýarlar. Her ikinji (54,4%) şäher ýaşaýjysy adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorluk hakynda kimdir birine habar beripdir (köplenç ýagdaýda ene-atasyna), oba ýerlerindäki aýallar babatda aýdylanda her dördünji aýal (23,8%) bu barada aýdypdyr.

Öýdäki zorluk ýagdaýynda kömek sorap ýüz tutmak howply ýagdaýlary we zorlugy amala edýän şahslary belli etmekde, zorlugyň pidalarynyň goragyny guramakda we olary goldamakda hem-de zorlukly hereketleriň çylşyrymlaşmagynyň öňüni almakda möhüm ädimdir. Şonuň üçin hem maşgalada zorluga sezewar edilen aýalyň kime ýüz tutýandygy netijeli hereketi guramak üçin örän wajypdyr.

Haçan hem bolsa nikada durup, häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we/ýa-da jynsy zorluga sezewar edilen, 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň arasynda degişli guramalara we edaralara diňe 11,9%-i ýüz tutupdyr. Esasan olar polisiýa (9,8%), seýrek ýagdaýda kazyýete (5,9%), lukmançylyk edaralaryna (3,8%) we ýerli ýaşulular (3,2%) ýüz tutupdyrlar.

Zyýan çeken aýallar ýerli häkimiýet edaralaryna we jemgyýetçilik guramalarynyň wekillerine örän seýrek ýüz tutupdyrlar. Sebäplere düşünmek üçin ýagdaýy ýerlerde has çuňňur öwrenmek zerur. Aýallaryň kömek sorap ýüz tutmaklarynda ileri tutmalary öýdäki zorlugyň pidalaryny goramak boýunça ýörite çäreler işlenip düzülende nazara alynmalydyr.

23-nji surat.
**Nikada/gatnaşykda duran ýa-da öň bolan häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we/ýa-da jynsy zorluga sezewar edilen, 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň kömek sorap haýsy hem bolsa bir edara ýüz tutanlarynyň göterim paýy**




JÝTZ-niň başdan geçiren we kömek sorap degişli edaralara we guramalara ýüz tutmadyk aýallaryň ýarysyndan gowragy (54,4%-i) näme sebäpden muny etmändikleri baradaky sowala jogap bermediler. Jogap beren aýallar, köplenç, sebäp hökmünde — **«maşgalanyň abraýyny garalamak islemändiklerini»** (27,5%) aýtdylar. Jemgyýetçilik basyşy aýallaryň zorluk barada dymmaklaryna we kömek hem goldaw gözlemezliklerine getirýän öňdebaryjy faktorlaryň biri bolmagynda galýar. Ýörgünliligi boýunça jogaplaryň arasynda «zorluk ýagdaýy kada/ düýpli sebäp däl» (9,2%) we «haýbatdan/ has güýçli zorlukdan gorkdum» (8,7%) boldy.

24-nji surat.
**Nikada/gatnaşykda duran ýa-da öň bolan häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we/ýa-da jynsy zorluga sezewar edilen, 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň kömek sorap degişli edaralara we guramalara ýüz tutmazlyklarynyň sebäpleriniň göterim paýy**




Kömek sorap ýüz tutanlaryň bu hereketi ýagdaý eýýäm ýetjek derejesine ýetenden soň edýändikleri howsala döredýär. Aýallaryň aglabasy (80,1%) bu karary «mundan beýläk çydap bilmändikleri» üçin kabul edipdirler. Adamsy/ýoldaşy ony öldürer gorkusy bilen kömek sorap 26,1% aýallar ýüz tutupdyr. Çagalara haýbat atylandan we olara fiziki güýç ulanylandan soň aýallaryň 23,5%-i ýüz tutupdyr. Bu maglumatlary «agyr zorlugyň» ýaýrawlylygy bilen gatnaşdyrsak, onda degişli edaralara diňe ýagdaý çylşyrymlaşandan soň **ýüz tutulýandygy barada netije alarys**. Bu aýallaryň köplenç hukuk goraýjy edaralara barandygyny hem aýlawly subut edýär.

25-nji surat.
**Nikada/gatnaşykda duran ýa-da öň bolan häzirki ýa-da öňki adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we/ýa-da jynsy zorluga sezewar edilen, 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň kömek sorap degişli edaralara we guramalara ýüz tutmalarynyň sebäpleriniň göterim paýy**



Adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorluga sezewar edilen aýallaryň **üçden bir bölegi (31,2%-i) hiç kimden kömek almak islemeýändigini aýtdylar**. Kömek almak islänleriň içinden, aglabasy degişli edaralardan we guramalardan däl-de, öz maşgalasyndan we adamsynyň maşgalasyndan kömege garaşýar. Bu ýagdaý degişli gulluklaryň işi barada ilatyň ýeterlik habarly däldigini habar berýär. Munuň üçin kömek barada maglumatlary goşmaça ýaýratmak, degişli kadrlary we institusional gurallary taýýarlamak, ynam berkidilýänçä işjeň hereket etmek we ýerlerde maşgalalar bilen ýakyndan gatnaşyk saklamak zerur.

# 8 JEMLEME

T«ürkmenistanda zenanyň saglygy we maşgaladaky ýagdaýy» seçip alma esasly syn aýallar babatda maşgaladaky zorlugyň ýaýrawlylygy, onuň esasy häsiýetli aýratynlyklary we ugurdaş faktorlary hakynda maglumatlary toplamagyň ilkinji tejribesi boldy. Netijeleriň seljerilmegi, umuman synyň ilkibaşdan öňde goýlan esasy meselelere jogap bermegiň hötdesinden gelendigini, şonuň bilen hem öňde goýlan maksatlary we wezipeleri amala aşyrandygyny görkezdi

Synyň netijeleri aýallar babatda öýdäki zorlugyň ýurtda ýaýrawlylyk derejesiniň birnäçe goňşy döwletler we sebit boýunça görkezijiler bilen gatnaşdyrylyp bilinjekdigini kesgitlemäge mümkinçilik berdi. Maglumatlaryň görkezmegine görä, ömrüň dowamynda agyr fiziki zorluk hakyndaky habarlar aram zorluk baradaky habarlardan agdyklyk edýär. Ejir çekenleriň aglabasy bolsa zorluk bilen birnäçe gezek ýüzbe-ýüz bolýarlar. Bu ýagdaý zorlugyň çylşyrymlaşmagyna tiz we netijeli täsir etmäge we çykgynsyz ýagdaýlar bilen işlemäge ukyply zorlugyň pidalaryna kömek bermek ulgamyny gurmagyň zerurlygyny ýüze çykarýar.

Tutuş ýurt boýunça bolşy ýaly, aýry-aýry welaýatlar boýunça zorlugyň görnüşleriniň ählisiniň (fiziki, jynsy, psihologiki we ykdysady) häsiýetli aýratynlyklary ýüze çykaryldy. Şol bir wagtda adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorlugyň anyk alnan görnüşleriniň ýaýrawlylygynyň has ýokary bolan welaýatlarynyň bardygy ýüze çykaryldy (fiziki zorluk boýunça — Lebap welaýaty, jynsy zorluk boýunça — Aşgabat şäheri). Alnan netijeler adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorluk tejribesi hakynda ýygy-ýygydan habar beren aýallaryň toparynyň umumy sosial-demografik häsiýetnamalaryny aýratynlandyrmaga mümkinçilik berdi (aýrylyşan ýa-da gatnaşygyny bes eden aýallar, irki nika tejribesi bolan aýallar). Netijeler boýunça öýdäki zorluga täsir etmegiň umumy strategiýasy bilen birlikde maksatlaýyn maksatnamalary işläp taýýarlamaklyga girişmek üçin ýagdaýy has çuňlaşdyryp öwrenmek zerur.

Synyň netijeleri aýalyň erkini çäklendiriji häsiýetiň (gender häsiýetli gadagan etme) bilen öýdäki zorlugyň arabaglanyşygyny görkezdi. Jemgyýetiň bir böleginde aýal tarapyndan gender gadaganlyklarynyň birnäçesiniň bozulan ýagdaýynda adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorlugy aklaýan gatnaşyklaryň ýaýrawlylygy hakynda 2019-njy ýylyň MICS maglumatlary bilen gatnaşdyrylmagy JÝTZ, aýalyň erkini çäklendiriji häsiýet bilen gender deňsizligini we gender zorlugyny makullaýan jemgyýetçilik düşünjeleriniň kesgitli ýagdaýynyň arabaglanyşygyny görmäge mümkinçilik berdi. Bu hili ýagdaý gender zorlugynyň öňüni almak we gender deňligini goldamak hem-de gender kemsidilmeleriniň ähli görnüşlerine garşy durmak boýunça işleri güýçlendirmegiň zerurdygy hakynda habar berýär.

Syn zorlukly hereketiň aýalyň fiziki saglygyna ýetirýän gönüden-göni zyýanyny ýüze çykardy. Syn şeýle hem öýdäki zorluk tejribesiniň aýallaryň we çagalaryň psihologiki hem-de reproduktiw saglygy ulgamynda meseleleriň toplumy bilen gatnaşýandygyny görkezdi. Jogap bermäge gatnaşan aýallaryň lukmançylyk edaralaryna, hukuk goraýjy we sosial gorag edaralaryna seýrek ýüz tutýandyklaryny nazara alyp, zorluk pidalaryny goramak we goldamak boýunça ilat arasynda ynamdan peýdalanýan ulgamy düzmekligi ilkinji nobata goýmak zerurlygy ýüze çykýar.

Aşakda ileri tutulýan barlag meseleleriniň her biri boýunça gysgaça jemleme getirildi.

1 **Tutuş ýurt boýunça hem-de aýry-aýry welaýatlar boýunça alnanda 18-59 ýaş aralygyndaky aýallar babatda fiziki, jynsy we/ýa-da psihologik zorlugyň (adamsy/ýoldaşy tarapyndan, ömrüniň dowamynda we soňky 12 aýda) ýaýraw derejesi we häsiýetnamasy nähili? Şeýle hem tutuş ýurt boýunça hem-de aýry-aýry welaýatlar boýunça alnanda 18-59 ýaş aralygyndaky aýallar babatda (adamsy/ýoldaşy tarapyndan, ömrüniň dowamynda we soňky 12 aýda) ykdysady zorlugyň ýaýrawlylygynyň derejesi nähili?**

Syn tutuş ýurt boýunça alnanda we welaýatlarda öýdäki zorlugyň dürli görnüşleriniň ýaýrawlylyk derejesini ýüze çykardy. Alnan maglumatlar Ýewropa sebiti boýunça görkezijiler bilen, şeýle hem Merkezi Aziýanyň we Günorta Kawkazyň birnäçe döwletleriniň maglumatlary bilen barabar. Şol bir wagtda Türkmenistan boýunça maglumatlar görkezijileri ýokary bolan Gyrgyzystandaky we Täjigistandaky ýagdaýa garanyňda, Gazagystanda we Günorta Kawkazda alnan maglumatlara ýakyn.

Häzirki ýa-da öňki adamsy ýa ýoldaşy tarapyndan ömründe haçan hem bolsa bir ýa-da birnäçe görnüşli zorluga (fiziki, jynsy we/ýa-da psihologik) sezewar edilendigi barada habar beren 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň paýy — 16,1%-e deň boldy, zorlugyň üç görnüşiniň üçüsine hem sezewar edilenleriň paýy — 2%-e deň boldy. Adamsy ýa-da ýoldaşy (häzirki ýa-da öňki) tarapyndan ömründe haçan hem bolsa fiziki we/ýa-da jynsy zorluga sezewar edilen aýallaryň paýy 12%-e deň boldy..

Synyň netijeleriniň görkezmegine görä, adamsy ýa-da ýoldaşy tarapyndan aýallar babatda zorlugyň dürli görnüşleriniň ýaýrawlylygy Türkmenistanda şu görnüşdedir: 11,4% - fiziki zorluk, 2,7% -jynsy zorluk we 10,6% - psihologik zorluk, ykdysady zorluk -13,3%[29]. Dowam edýän zorlugyň derejesi görnetin pes.

Türkmenistanda haçan hem bolsa nikada ýa-da gatnaşykda bolan aýallaryň **3,4%**-i soňky 12 aýda adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we/ýa-da jynsy zorluga sezewar edilendigini habar berdi.

Synyň maglumatlaryna görä, ýagdaýlaryň aglabasynda adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorluk ýeke gezeklik ýagdaý bolman, gaýtalanýan hadysadyr. Adamsy/ýoldaşy tarapyndan bir gezek zorluga sezewar edilen aýal bu hereket bilen soň hem gabatlaşar (fiziki zorluga sezewar bolanlaryň diňe 24%-i we jynsy zorluga sezewar bolanlaryň 21%-i zorlugyň bir gezek bolandygyny habar berdiler).

«Psihologiki zorluk» kategoriýasyna goşulan hereketleriň arasynda «gorkuzmak» we «kemsitmek» ýaly hereketler has ýaýrandyr.

Syn aram zorluk bilen deňeşdirilende agyr fiziki zorlugyň ýaýrawlylygynyň has ýokarydygyny görkezdi. **Bu howsalaly duýduryş** bolup, öýdäki zorluga täsir etmek ulgamynda syýasaty işläp düzmekde nazara alynmalydyr.

## 2 15 ýaşy dolandan soň, adamsy ýa-da ýoldaşy bolmadyk şahs tarapyndan aýallar we gyzlar babatda fiziki we jynsy zorlugyň ýaýrawlylyk derejesi nähili?

Alnan netijelere görä, beýleki şahslar (adamsy/ýoldaşyndan başga islendik şahs) tarapyndan fiziki zorluga ömrüniň dowamynda **18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň 2,4%-i**[30] **sezewar edilipdir.** Şol bir wagtda maşgala agzalary (adamsyndan/ýoldaşyndan başga) tarapyndan fiziki zorluga sezewar edilenleriň paýy 1,9%, maşgala agzasy blup durmaýan şahslar tarapyndan fiziki zorluga sezewar edilenleriň paýy – 0,5%-e deň boldy.

Fiziki zorlugyň ýaýrawlylygynyň ikinji çeşmesi (adamsyndan/ýoldaşyndan soň) ejeler bolup durýar.

Emma ejesi tarapyndan fiziki zorluk barada habar beren aýallaryň paýy (1,2%) adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki zorluk barada habar beren (10,3%) aýallardan takmynan 9 esse azdyr.
Syn ömrüniň dowamynda (15 ýaşyny doldurandan soň) maşgala agzalary (adamsyndan/ýoldaşyndan başga) jynsy zorluga sezewar edilenleriň sanaýmaly ýagdaýyny ýüze çykardy we başga şahslar tarapyndan jynsy zorlugyň az mukdaryny (0,3%) görkezdi.

[29] Среди женщин в возрасте 18-59 лет, состоящих в браке/отношениях в настоящее время и имеющих собственный доход
[30] Maglumatlar diňe jogap berenleriň 15 ýaşy dolanyndan soň bolup geçen zorluklara degişlidir

## 3 15 ýaşa çenli gyzlara degişlilikde jynsy zorlugyň ýaýrawlylyk derejesi nähili?

Söhbetdeşligiň ahyrynda oňa gatnaşyjylar tarapyndan doldurylan atsyz we maglumat ýazylmadyk sowalnama jogap berenleriň 1,6%-iniň çagalyk ýyllarynda (15 ýaşa çenli) jynsy zorlugyň pidasy bolandygyny görkezdi.

## 4 Maşgalada zorlugyň bolmagy bilen, haýsy sosial-demografik faktorlar bolýar?

Türkmenistanda adamsy/ýoldaşy tarapyndan aýallar babatda zorlugyň ýaýrawlylyk derejesi welaýatlar boýunça tapawutlydyr. Synyň görkezmegine görä, beýleki welaýatlar bilen deňeşdirilende, **Lebap welaýatynda** ömründe haçan hem bolsa adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki zorluga sezewar edilendigi hakynda habar beren aýallaryň paýy **has ýokary boldy (17,1%).** Fiziki zorlugyň ýaýrawlylyk derejesi boýunça ikinji ýerde Daşoguz welaýaty ýerleşdi (12,4%). Bu görkeziji beýleki sebitlerde Balkan welaýatynda 7,3%-den Ahal welaýatynda 9,5%-e çenli üýtgeýär. Ykdysady zorlugyň ýaýrawlylyk derejesi üç welaýatda — Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynda ýurt boýunça orta görkezijiden ýokary (degişlilikde, 16.3%, 14.1% we 13.9%). Ahal welaýaty boýunça görkeziji aşa pes (5%).

Birnäçe welaýatlarda zorlugyň birnäçe görnüşleri we aýalyň erkini çäklendiriji häsiýet boýunça yzygiderli has ýokary görkezijiler ýerlerde ýagdaýlaryň has çuňlaşdyrylyp öwrenilmeginiň wajypdygyny habar berýär. **Şol bir wagtdan jynsy zorluk bilen bagly ýagdaý hil taýdan başga: Aşgabat boýunça görkezijiler welaýatlara garanyňda ýokary**.

Synyň netijelerine görä, şäher ýa-da oba ýerlerinde ýaşamaklyk JÝTZ täsir etmeýär. Adamsy/ýoldaşy tarapyndan haçan hem bolsa fiziki zorlugyň ýaýrawlylyk derejesi şäher ýerlerinde 10,7%, oba ýerlerinde – 12%-e deň boldy. Psihologiki we jynsy zorlugyň ýaýrawlylygynda hem şular ýaly ujypsyz tapawut hasaba alyndy. **Muňa garamazdan, aýalyň erkini çäklendiriji häsiýet şäher ýerlerine** (35,5%) garanyňda, **oba ýerlerinde** (45,7%) **has köp ýaýrandyr.**

Synyň kömegi bilen adamsy ýa-da ýoldaşy tarapyndan zorlugyň pidalary bolandyklary barada has ýygy-ýygydan habar beren jogap berijileriň toparyny ýüze çykarmak başartdy. Ömründe haçan hem bolsa fiziki zorluga sezewar bolup, aýrylyşan ýa-da gatnaşyklaryny bes eden aýallaryň paýy 45,1%, jynsy zorluga sezewar bolanlaryň paýy – 24,3%. Jogap berenleriň ýarysyndan gowragy (51,6%) psihologik zorluk tejribesiniň bardygyny gürrüň berdiler.

Ilkinji nika/gatnaşyga 18 ýaşa çenli giren jogap berijiler 18 ýaşdan soň nikalaşan/gatnaşyga giren jogap berijiler (10,1%) bilen deňeşdirilende, ýoldaşy tarapyndan fiziki zorluk barada has ýygy-ýygydan (24,7%) habar beripdirler.

## 5 Zorlugyň pidalary we olaryň çagalary üçin aýallar babatda zorlugyň nähili täsirleri bar?

Syn öýdäki zorlugyň fiziki şikesler bilen utgaşýandygyny we aýallaryň fiziki, psihologiki we reproduktiw saglyk meseleleri barada ýygy-ýygydan habar bermeklerine gatnaşdyrylýandygyny görkezdi. Syn JÝTZ bilen (fiziki we/ýa-da jynsy) haçan hem bolsa ýüzbe-ýüz bolan **aýallaryň üçden biriniň (32,4%)** dürli agyrlyk derejede ten şikeslerini alýandygyny görkezdi. Jogap beren aýallar zorluga **göwreli wagtlary hem sezewar edilendiklerini aýtdyla**r. JÝTZ-ni başdan geçiren aýallaryň 5,5%-i adamsynyň/ýoldaşynyň hereketleri zerarly lukmançylyk kömegini almaly bolupdyr.

Adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we/ýa-da jynsy zorluga sezewar edilen aýallar köplenç kellagyrydan, işdäniň ýaramazlaşmagyndan, ukusynyň bozulmagyndan we gorky duýgusyndan ejir çekipdirler, adatdakydan köp aglapdyrlar, hemişe ýadawlyk duýgusyny duýup, karar kabul etmekde kynçylyk çekipdirler. Aýallaryň bu topary öýdäki zorluk barada habar bermediklere garanyňda **çaga düşmeden** ýygy-ýygydan ejir çekip, öli çaga dogrupdyrlar we çagany aýyrtmaly bolupdyrlar.

Synyň maglumatlarynyň görkezmegine görä, adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorluk edilýän maşgalalarda çagalar seýrek bolmadyk ýagdaýlarda urulmagak hadysasyna şaýat bolupdyrlar, kähalatlarda bolsa özleri hem urgularyň pidasy bolupdyr.

## 6 Aýallar öýdäki zorlugyň pidasy bolanlarynda haýsy strategiýany saýlaýarlar?

Öýdäki zorlukdan ejir çeken aýallaryň aglabasy bu barada hiç kime **habar bermeýärler**. Aýallaryň diňe 36,8%-i bu tejribesi barada kimdir birine gürrüň berendiklerini aýtdylar. Jogap berijiler adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorluk barada köplenç ene-atasyna (23,8%), has seýrek ýagdaýda adamsynyň maşgalasyna (13,1%) we beýleki maşgala agzalaryna (11,1%) aýdýarlar.

Jogap bermäge gatnaşan aýallaryň aglaba köplügi **kömek we goldaw sorap hiç hili edara ýa-da gurama ýüz tutmandyr**. Adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorluga sezewar edilen aýallar esasan öz maşgalasyndan we adamsynyň maşgalasyndan kömek almak isleýärler. Kömek sorap daşyna ýüz tutanlar köplenç polisiýa ýüz tutupdyrlar. Oba ýerlerinde öýdäki zorluga sezewar edilen aýallar şäher ýerlerindäkilere garanyňda kömek sorap seýrek ýüz tutupdyrlar.

Synyň netijeleriniň görkezmegine görä, jemgyýetçilik basyşy aýallaryň zorluk barada dymmaklaryna we kömek hem goldaw gözlemezliklerine getirýän öňdebaryjy faktorlaryň biri bolmagynda galýar. Kömek sorap ýüz tutanlaryň bu hereketi ýagdaý eýýäm ýetjek derejesine ýetenden soň edýändikleri howsala dörediýär. Aýallaryň aglabasy (80,1%) bu karary «mundan beýläk çydap bilmändikleri» üçin kabul edipdirler.

Kömek almak islänleriň içinden, aglabasy degişli edaralardan we guramalardan däl-de, öz maşgalasyndan we adamsynyň maşgalasyndan kömege garaşýandyklary degişli gulluklaryň işi barada ilatyň ýeterlik **habarly däldigini aňladýar**. Munuň üçin **kömek barada maglumatlary goşmaça ýaýratmak, degişli kadrlary we institusional gurallary taýýarlamak**, ynam berkidilýänçä işjeň hereket etmek we ýerlerde maşgalalar bilen ýakyndan gatnaşyk saklamak zerur.

# 9 MASLAHATLAR

Maslahatlar synyň netijelerine esaslandy we gender zorlugyna garşy göreşiň halkara ülňülerini (şol sanda «Zorluga sezewar edilen aýallar we gyzlar üçin binýatlaýyn hyzmatlaryň bukjasy»[31]), CEDAW komitetiniň Türkmenistanyň 5-nji döwürleýin hasabatynyň we HMM 2015-2020 ýerine ýetirmegi bahalandyrmagyň jemleýji tekliplerini nazara almak arkaly işlenip düzüldi.

Syn diňe bir ýurtda öýdäki zorlugyň esasy ölçeglerini kesgitlemek bilen çäklenmedi, eýsem, toplumlaýyn häsiýeti hem görkezdi.

**1** Synyň netijeleri **öýdäki zorlugyň we aýallar babatda zorlugyň beýleki görnüşleriniň öňüni almak boýunça Ýol kartasynyň işlenip düzülmeginiň zerurlygyny** görkezdi.
Meseläniň toplumlaýyn häsiýetini nazara alyp, hereketleriň dört esasy düzümi boýunça çäreleri öz içine almagy zerurdyr:

- kanunçylygy kämilleşdirmek,
- aýallar babatda zorlugyň pidalaryny goldamak we goramak boýunça utgaşdyrylan hyzmatlar ulgamyny döretmek;
- aýallar babatda zorlugyň we gender kemsidilmeleriniň ähli görnüşleriniň öňüni almak boýunça çäreler;
- maşgalada we onuň daşynda gender zorlugynyň ýygylygy, ýaýrawy we häsiýetnamalary barada maglumatlary ýygnamaly we seljermeli.

**2** Synyň maglumatlary boýunça alnan netijeleri **Durnukly ösüş maksatlaryny (DÖM) durmuşa geçirmek boýunça meýilnamalaryna** (hususan-da, DÖM-ň 5-nji maksadynyň ähli wezipeleri we DÖM-ň 16.1 we 16.3), **degişli gözegçilik gurallaryna** we DÖM-ň ýerine ýetirilişine **meýletin milli syna** goşmaly.

**3** Synyň dowamynda ýüze çykarylan maglumatlaryň esasynda **maşgaladaky zorlugynyň pidalarynyň hukuklarynyň goralmagyny güýçlendirmek**, günäkärleri jogapkärçilige çekmek we zorlugyň pidalaryna goldaw bermek boýunça hyzmatlar ulgamynyň kanunçylyk taýdan kadalaşdyrylmagyny gazanmak üçin **milli kanunçylygy kämilleşdirmek** zerur bolup durýar. Synyň netijeleri, maşgaladaky zorlukdan ejir çeken aýallaryň hukuklaryny goramak işine jogapkär bölümleriň gatnaşmagynyň ýeterlik derejede däldigini görkezdi. Öýdäki zorluk meselesiniň milli kanunçylykda durmuş mesele hökmünde ýeterlik derejede görkezilmändigi munuň sebäpleriniň biri bolup durýar. Öýdäki zorluk onuň daşyndaky zorlukdan düýpgöter tapawutlanýar, sebäbi zorlukly hereketler köplenç şaýatsyz bolup geçýär, öýdäki zorluk jemgyýetiň bir bölegi tarapyndan aklanyp bilner we zorlukdan ejir çekýän tarap bolsa köplenç agressor bilen sosial borçnamalaryň toplumy, medeni kadalar we ykdysady garaşlylyk bilen baglanyşykly bolup durýar. Edil zorlugyň pidalary ýaly, zorlugyň pidalarynyň hukuklaryny goldamak we goramak boýunça jogapkär guramalar we edaralar hem öýdäki zorlugyň aýratynlyklaryny görkezýän kanunçylyk binýadyna mätäçdir.

**3.1.** Eýýäm ýerine ýetirilen Milli kanunçylygyň gender seljermesi esasynda we häzirki synyň netijelerini göz öňünde tutup, Öýdäki zorluk hakyndaky Kanuny işläp taýýarlamak we kabul etmek maslahat berilýär. Kanun öýdäki zorlugyň tebigatyny we aýratynlyklaryny şekillendirýän esasy adalgalary öz içine almaly, zorlugyň pidalarynyň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny we ýagdaýyny bellemeli, aram we agyr zorluk hereketleri üçin jogapkärçiligiň derejesini kesgitlemeli we zorlugyň pidalaryny goramak we kömek bermek üçin hyzmatlary / çäreleri düzgünleşdirmeli.

**3.2.** Kanunyň esasy düzgünlerini kesgitlemek we bar bolan hukuk namalary bilen onuň sazlaşygyny üpjün etmek üçin esasy pudak edaralarynyň,

[31] Bu bukja BMG zenanlary, ÝUNFPA, BSGG, BMGÖM we UNODC bilen hyzmatdaşlykda ÝUNISEF-ň goldawy esasynda zorluga sezewar bolan zenanlar we gyzlar üçin möhüm hyzmatlary boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Global Maksatnamasy tarapyndan işlenip düzüldi.

jemgyýetçilik we halkara guramalaryň wekilleri bilen birnäçe maslahatlary geçirmeli.

**3.3.** Ýurtda netijeli ulanylyp bilinjek we kanunçylyk binýadyna mätäç halkara tejribelerini kesgitlemek (meselem, «gorag buýrugyny» çykarmak ýaly) we olaryň bar bolan kanunçylyga girizmegiň iň täsirli usullaryna seretmeli.

**3.4.** Maşgalanyň daşyndan, hususan-da, iş ýerlerinde jynsy esasly azar bermeleriň, kiber yzarlamalaryň we zorluklaryň beýleki görnüşleriniň netijesinde zorlugyň pidasy bolan aýallaryň hukuklaryny goramak üçin gerekli kanunçylyk binýadynyň seljermesini geçirmeli we bar bolan hukuk namalaryna gerekli üýtgetmeleri girizmeli.

**3.5.** Aýrylyşandan soň aýallaryň hukuklaryny we howpsuzlygyny goramak, şeýle hem irki nika ýa-da mejbury nika ýaly däp-dessurlaryň pidasy bolan aýallary goramak üçin zerur kanunçylyk binýadynyň bardygyny seljermeli we bar bolan hukuk namalaryna zerur üýtgetmeleri girizmeli.

**3.6.** Ykdysady zorlugyň pidasy bolan aýallaryň hukuklaryny goramak üçin zerur kanunçylyk binýadynyň bardygyny seljermeli we we bar bolan hukuk namalaryna zerur üýtgetmeleri girizmeli.

## 4

Zorlugyň pidalarynyň we onuň maşgala agzalarynyň goldawy we dikeldilmegi boýunça hyzmatlary öz içine alýan **öýdäki zorluga pudagara täsir etmegiň utgaşdyrylan ulgamyny işläp düzmeli**. Öýdäki zorluga pudagara jogap beriş ulgamyny döretmäge gönükdirilen ähli meýilnamalarda we maksatnamalarda synyň dowamynda ýüze çykarylan aýratynlyklar, töwekgelçilik toparlary we welaýat aýratynlyklary göz öňünde tutulmalydyr.

**4.1.** Pudagara utgaşdyrmany kadalaşdyrýan maksatnamalarynda (şol sanda dürli edaralar tarapyndan ugratmak ulgamy we maglumatyň elýeterliligi) maşgala zorlugynyň häsiýetnamalary we ýaýraňlyk görkezijileri we netijeleri göz öňünde tutulmalydyr.

**4.2.** Şeýle hem, zorlugyň pidalaryna kömegiň berilmegini we maşgala zorlugyny edenler bilen işleşmegi düzgünleşdirýän pudagara standart proseduralary işlenip taýýarlanylanda maşgala zorlugynyň ähli görnüşleriniň häsiýetnamalaryny we ýaýraňlyk görkezijilerini we netijelerini göz öňünde tutmak maslahat berilýär.

**4.3.** Degişli edaralaryň işgärleri üçin ähli ülňi teswirnamalarynda we okuw materiallarynda, synyň maglumatlaryna görä pidalaryň isleg bildirýän kömegini we goragyny gözlemek strategiýalaryny göz öňünde tutmak maslahat berilýär. Ilki bilen şu ýagdaýa üns bermeli: 1) agyr fiziki zorlugyň aram zorlukdan agdyklyk etmegi hem-de gaýtalanýan zorlugyň agdyklyk etmegi, şoňa görä, töwekgelçilikleri takyk bahalandyrmagyň, ýetmezçilik ýagdaýlary kesgitlemegiň we çalt seslenmegiň zerurlygy;

- agyr fiziki zorlugyň aram zorlukdan agdyklyk etmegi hem-de gaýtalanýan zorlugyň agdyklyk etmegi, şoňa görä, töwekgelçilikleri takyk bahalandyrmagyň, ýetmezçilik ýagdaýlary kesgitlemegiň we çalt seslenmegiň zerurlygy;

- belli toparlaryň ýokary derejede ejizligi we belli welaýatlarda ýokary ýaýraňlyk derejesi;

- edaralara ýüz tutmalaryň pes derejededigi sebäbli, polisiýa ýüz tutmalar ýygy-ýygydan agzalýardy, şonuň üçin zorlugyň pidalaryny beýleki pudaklar tarapyndan berilýän hyzmatlara ugrukdyrmak üçin polisiýanyň ornuny güýçlendirmeli; 4) zorlugyň iň howply çägine ýeten pursadynda kömek üçin ýüz tutmak ýörelgesi bar, şoňa görä-de, saglygy goraýyş, hukuk goraýjy we durmuş taýdan goragy üpjün edýän edaralaryň işgärleri üçin öýdäki zorluk ýagdaýlaryny ir anyklap bilmek endiklerini öwretmek zerurdyr;

- zorlugyň iň howply çägine ýeten pursadynda kömek üçin ýüz tutmak ýörelgesi bar, şoňa görä-de, saglygy goraýyş, hukuk goraýjy we durmuş taýdan goragy üpjün edýän edaralaryň işgärleri üçin öýdäki zorluk ýagdaýlaryny ir anyklap bilmek endiklerini öwretmek zerurdyr;

**4.4.** Zorluk hadysalaryny ir ýüze çykarmak, pidalara kömek bermek, beýleki esasy pudaklar (ilkinji nobatda hukuk goraýjy we kazyýet edaralary hem-de durmuş taýdan goragy üpjün edýän edaralary) bilen maglumat alyşmak we olara ugratmak boýunça çäreleri girizmek arkaly saglygy goraýyş pudagynyň öýdäki zorluga garşy göreşdäki roluny güýçlendirmeli. Ilkinji jogap beriş edaralarynyň işgärleri üçin (saglyk öýleri, zenanlar üçin maslahat beriş merkezleri, hassahanalar) degişli okuw maksatnamalaryny we gollanmalary taýýarlamaly.

**4.5.** Öýdäki zorluk ýagdaýlary bilen iş salyşmak, zorluk hadysalaryny irki tapgyrda kesgitlemek, pidalara kömek bermek, beýleki esasy edaralar bilen maglumat alyşmak we olara gaýtadan ugratmak hem-de mugt hukuk we psihologiki kömegini berýän jemgyýetçilik guramalary we edaralary bilen işleri utgaşdyrmak ugrunda işgärleri taýýarlamak arkaly hukuk goraýjy we kazyýet edaralaryň aýallar babatda öýdäki zorlugy we zorlugyň beýleki görnüşlerine garşy göreşmekdäki ornuny pugtalandyrmaly.

Ähli esasy pudaklar (hukuk goraýjy, saglygy goraýyş, durmuş goragyny üpjün edýän edaralar) zorlugyň pidalarynyň kömegi esasan maşgalada gözleýändigini görkezýän synyň netijelerini göz öňünde tutmalydyrlar. Pidalaryň maşgalalary bilen işlemek mowzugy maşgala zorlugyna garşy göreş maksatnamalarynyň we ähli pudaklarda ilkinji jogap beriş gulluklarynyň işgärleri üçin okuw materiallarynyň bir bölegi hökmünde goşulmalydyr.

**4.6.** Ilkinji toplumlaýyn maglumat bukjasyny we zorlugyň pidalary we maşgala agzalary üçin mugt hukuk we psihologiki maslahatlary işläp taýýarlamak üçin beden şikesleriniň, jynsy häsiýetli hereketleriň, psihologiki basyşyň, ykdysady zorlugyň we aýalyň erkini çäklendiriji hereketleriň has ýaýran görnüşleri babatynda synyň netijelerini hasaba almaly. Şeýle maslahatlar ýerli ýerine ýetiriji häkimiýetler we jemgyýetçilik guramalary tarapyndan gurnalyp bilner.

**4.7.** Ähli möhüm pudaklarda standart iş tertibi we okuw meýilnamalary işlenip düzülende maşgalada zorlugyň pidalaryna hyzmat ulgamyny üpjün etmekde ilatyň pes habardarlygy, jogapkär edaralardan tamanyň pes derejededigi, howpsuzlyk kepillikleriň we gizlinligiň ýoklugy ýaly ýetmezçilikler göz öňünde tutulmalydyr.

**4.8.** Aýalyň erkini çäklendiriji häsiýetiň we öýdäki zorlugyň, şeýle hem pidalaryň goldaw gözlemegine päsgel berýän medeni kadalaryň arasyndaky baglanyşyk, ähli hyzmatlaryň elýeterli, howpsuz, gizlin bolmagyny we pidalaryň bähbitlerini we kararlaryny üns merkezinde goýýan bolmagyny hem-de zorlugyň pidalarynyň gaýtadan şikeslenmeginiň öňüni almak üçin göz öňünde tutulmalydyr.

**4.9.** Hukuk goraýjy edaralar, saglygy goraýyş we durmuş taýdan goragy üpjün edýän edaralary bilen birlikde bilim pudagy maşgala zorlugyny we zenanlara garşy zorluk ýagdaýlaryny kesgitlemekde möhüm rol oýnap biler. Öýdäki zorluk we aýal-gyzlara garşy maşgaladan daşynda zorluk wakalaryny ýüze çykarmak we pudagara jogap beriş ulgamynda edaralarda zorlugyň pidalaryny gaýtadan ugratmak boýunça serişdeler düzülende synyň netijeleri göz öňünde tutulmalydyr.

**4.10.** Pandemiýa döwründe öýdäki zorlugyň töwekgelçiliginiň ýokarlanýandygyny we zorlugyň pidalarynyň çetleşdirmäniň güýçlenýändigini görkezýän halkara tejribäni göz öňünde tutup, pandemiýa we pandemiýadan soňky döwür üçin öýdäki zorluga jogap berýän esasy edaralar üçin tälim okuw materiallaryny we görkezmeleri taýýarlamaly.

**4.11.** Synyň netijelerini we halkara tejribesini göz öňünde tutup, öýdäki zorluk ýagdaýlarynda aýallaryň has ejiz toparlary üçin esasy hyzmatlaryň aýratynlyklary boýunça görkezmeleri işläp taýýarlamaly (irki nikalaşmak tejribesi bolan aýallar, maýyp aýallar, uzakda ýerleşýän ilat nokatlarynda ýaşaýan aýallar, migrant aýallar we öý hyzmatlary ulgamynda işleýän aýallar/resmi däl iş üpjünçiligi).

**4.12.** Şäher we oba ýerlerinde ykdysady zorlugyň häsiýetnamalary boýunça geçirilen synyň netijelerine esaslanyp, aýallaryň telekeçiligini höweslendirýän, zenanlaryň iş üpjünçiligine, hünär taýdan ösmegine, öýdäki zorlugyň pidalarynyň we maşgalanyň daşynda zorlukdan ejir çeken aýallaryň ykdysady we durmuş taýdan goşulyşmagyna kömek berýän maksatnamalary işläp taýýarlamaly.

**4.13.** Maşgalanyň çäginde aýallar babatda zorluk ulanan erkekler (ärler we gatnaşyk ýoldaşlary) bilen işlemek boýunça ýörite maksatnama düzülende we durmuşa geçirilende synyň netijelerini göz öňünde tutulmaly.

## 5 Gender kemsidilmeleri, aýallar babatda öýdäki we zorlugyň beýleki görnüşleriniň öňüni almak, gender ynançlary, şeýle hem gender deňzisligini emele getirýän däpler we täze tejribeler boýunça çäreleri giňeltmek.

**5.1.** Zorlugyň ähli görnüşleriniň ýaýraňlygy we häsiýetnamalary, olaryň aýallaryň fiziki, psihologiki we reproduktiw saglygyna, şeýle hem çagalaryň saglygyna ýetirýän zyýany bilen baglanyşygy boýunça syn maglumatlaryna esaslanýan maglumat we bilim meýilnamalary işläp taýýarlamaly.

**5.2.** Aýallara garşy maşgala zorlugyny, aýalyň erkini çäklendiriji hereketleri we kemsidilmäni aklaýan ynançlara we kadalara garşy göreşmek boýunça maksatly diňleýjiler üçin (erkekler, ýaşlar, garrylar, ene-atalar) materiallary işläp taýýarlamaly.

Maksatly diňleýjiler bilen aragatnaşygy has netijeli ýola goýmak üçin özara gürrüňdeşlikler, sanly torlar, elektron habar beriş serişdeleri we durmuş ulgamlary ýaly görnüşleri we mümkinçilikleri ulanmaly.

**5.3.** Maşgalanyň çäginde we onuň daşynda dawalary zorluksyz çözmekligi görkezýän wideo we ses serişdelerini we maglumatlaryny ýaýratmaly.

**5.4.**Özüňe çekiji keşbi we agressiýa hem-de zorluk ýaly keşpler bilen baglanyşykly bolmadyk erkekleriň özüni alyp barşynyň ülňülerini ýaýratmak üçin ýörite maksatnama taýýarlananda synyň maglumatlaryny ulanmaly.5.4. Özüňe çekiji keşbi we agressiýa hem-de zorluk ýaly keşpler bilen baglanyşykly bolmadyk erkekleriň özüni alyp barşynyň ülňülerini ýaýratmak üçin ýörite maksatnama taýýarlananda synyň maglumatlaryny ulanmaly.

## 6 Maşgalada we onuň daşynda gender zorlugynyň ýygylygy, ýaýrawlylygy we häsiýetnamalary hakynda maglumatlary toplamaklygy we seljermekligi dowam etmek we kämilleşdirmek.

**6.1.** Gowşak toparlara degişli aýallara garşy maşgala zorlugy we zorlugyň beýleki görnüşleri boýunça düýpli, ýokary hilli barlaglary geçirmek üçin synyň maglumatlaryny ulanmaly (irki nikalaşmak tejribesi bolan aýallar, maýyp aýallar, uzakda ýerleşýän ilat nokatlarynda ýaşaýan zenanlar ýa-da migrant aýallar), munda goldaw we gorag almakda şeýle toparlaryň duçar bolup biläýjek goşmaça päsgelçiliklerine aýratyn üns bermeli.

**6.2.** Öýdäki zorlugyň hereketiniň gidişini yzarlamak, DÖM-iň ösüşine gözegçilik etmek we degişli milli ösüş maksatnamalaryny we hereketler meýilnamalaryny maglumat bilen üpjün etmek maksady bilen hil we mukdar usullaryna esaslanyp synlary geçirmeli. Öýdäki zorluk we aýallar babatda zorluk barada maglumatlary toplamak we seljermek, şeýle hem gerekli programma üpjünçiligini, tälim okuw taýýarlygyny we zerur maglumat serişdelerini satyn almak boýunça Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň mümkinçiliklerini giňeltmek ugrunda işleri dowam etdirmeli.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLARYŇ SANAWY


1. Abramsky T, Watts CH, Garcia-Moreno C, Devries K, Kiss L, Ellsberg M, Jansen HAFM, Heise L. 2011.
2. What factors are associated with recent intimate partner violence? Findings from the WHO multi-country study on women's health and domestic violence. BMC Public Health; 11:109.
   Full Text (biomedcentral.com)
3. CEDAW. 2018. Concluding observations on the fifth periodic report of Turkmenistan.
   Treaty bodies countries (ohchr.org)
4. Coll C, Ewerling F, García-Moreno C, et al Intimate partner violence in 46 low-income and middle-income countries: an appraisal of the most vulnerable groups of women using national health surveys *BMJ Global Health* 2020;5:e002208, (bmj.com)
5. DAIP. Domestic Abuse Intervention Programs, Understanding the Power and Control Wheel,
   https://www.theduluthmodel.org/wheels/understanding-power-control-wheel/
6. Dutton, D. 2006. Rethinking Domestic Violence.
7. Department of Economic and Social Affairs, Statistical Division, United Nations. 2014. Guidelines for Producing Statistics on Violence Against Women. https://unstats.un.org/unsd/gender/docs/guidelines_statistics_vaw.pdf
8. European Union Agency for Fundamental Rights. 2014. Violence against women: an EU-wide survey Main results.
9. Garcia-Moreno C, Jansen HAFM, Ellsberg M, Heise L and Watts C. 2005. WHO multi-country study on women's health and domestic violence against women. Initial results on prevalence, health outcomes and women's responses. WHO, Geneva.
10. Global Database on Violence Against Women, Global Database on Violence Against Women (unwomen.org)
11. Gurbansoltan Eje Clinical Research Center for Maternal and Child Health (GECRCMCH), Ministry of Health and Medical Industry [Turkmenistan], and ORC Macro. 2001. Turkmenistan Demographic and Health Survey 2000. Calverton, Maryland, USA: GECRCMCH and ORC Macro, pp 41-46
12. Johnson, E. J. 2009. Gender Violence in Russia. The Politics of Feminist Intervention.
13. Heise L and Kotsadam A. 2015. Cross- National and Multilevel Correlates of Partner Violence: An Analysis of Data from Population- Based Surveys. The Lancet Global Health 3, no. 6.
14. Kidman, Rachel. 2017. *Child marriage and intimate partner violence: a comparative study of 34 countries*, International Journal of Epidemiology, April 2017, Child marriage and intimate partner violence: a comparative study of 34 countries - PubMed (nih.gov)
15. Krug EG et al., eds. 2002. World report on violence and health. Geneva, World Health Organization
16. MOLISA, GSO and UNFPA. 2020. Results of the National Study on Violence against Women in Viet Nam 2019 - Journey for Change
17. OECD. 2019. Violence against women", in Society at a Glance 2019: OECD Social Indicators, OECD Publishing, Paris
18. OSCE. 2019. OSCE-led Survey on Violence Against Women - Main Report. OSCE-led Survey on Violence Against Women - Main Report | OSCE
19. Peterman A, Pereira A, Bleck J, Palermo TM, Yount KM. 2017. Women's individual asset ownership and experience of intimate partner violence: evidence from 28 international surveys. Am J Public Health.; 107(5):747–55. https://doi.org/10.2105/AJPH.2017.303694.

20. Renzetti, Claire M. Jeffrey, Edleson L. Bergen Raquel Kenndey eds.2011. Sourcebook on Violence Against Women.

21. Reyes, C, Rudman W J, Calvin R H, 2002. Domestic Violence and Healthcare: policies and prevention.

22. Rezey, Marybeth L. 2017. Separated Women's Risk for Intimate Partner Violence: A Multiyear Analysis Using the National Crime Victimization Survey, Journal of Interpersonal Violence

23. Roberts, A R ed. 2007. Battered Women and Their Families. Intervention Strategies and Treatment Programs.

24. Shepard, F Melany and Pence, L Ellen, eds. 1999. Coordinating Community Responses to Domestic Violence. Lessons from Duluth and Beyond, pp 199-209

25. Stark, Evan. 2007. Coercive Control. How Men Entrap Women in Personal Life, pp 171-227

26. The State Committee of Turkmenistan for Statistics and UNICEF. 2020. 2019 Turkmenistan Multiple Indicator Cluster Survey. Survey Findings Report. Ashgabat, Turkmenistan: State Committee for Statistics of Turkmenistan and UNICEF.
https://mics-surveys-prod.s3.amazonaws.com/MICS6/Europe%20and%20Central%20Asia/Turkmenistan/2019/Survey%20findings/Turkmenistan%202019%20MICS%20SFR_English.pdf

27. United Nations. 1979. Convention on the Elimination of All Forms of Discrimination against Women.
https://www.ohchr.org/en/professionalinterest/pages/cedaw.aspx

28. United Nations. 1993. Declaration on the Elimination of Violence against Women. United Nations General Assembly Resolution, document A/RES/48/104. New York, NY. 167

29. Vyas, Seema and Watts, Charlotte. 2009. How does economic empowerment affect women's risk of intimate partner violence in low and middle income country settings? A systematic review of published evidence. J Int Dev.; 21:577–602.

30. World Health Organization. 2001. Putting women first: Ethical and safety recommendations for research on domestic violence against women. http://whqlibdoc.who.int/hq/2001/WHO_FCH_GWH_01.1.pdf

31. World Health Organization, London School of Hygiene and Tropical Medicine. 2010. Preventing intimate partner and sexual violence against women: taking action and generating evidence.

32. World Health Organization. 2013. Global and regional estimates of violence against women: prevalence and health effects of intimate partner violence and non-partner sexual violence. Geneva: World Health Organization.

33. World Health Organization. 2006-7. Multi-Country Study on Women's Health and Domestic Violence, Study Protocol, version 27 Sept 2006, updated 9 Sept 2007

34. World Health Organization.2007. WHO Multi-Country Study on Women's Health and Life Experiences, Question-by-question description of WHO study questionnaire (Version 10)

35. World Health Organization. 2006-7. WHO Multi-Country Study on Women's Health and Domestic Violence, Interviewer's Manual

36. World Health Organization.2006. WHO Facts on intimate partner violence and alcohol.
https://www.who.int/violence_injury_prevention/violence/world_report/factsheets/fs_intimate.pdf

37. World Health Organization. 2021. Violence against women prevalence estimates, 2018: global, regional and national prevalence estimates for intimate partner violence against women and global and regional prevalence estimates for non-partner sexual violence against women. Geneva:. Licence: CC BY-NC-SA 3.0 IGO

38. Выборочное обследование по насилию в отношении женщин Казахстан, стр 60, Астана, 2017

39. Фонд ООН в области народонаселения. 2018. ЦУР 5 и гендерная статистика.
https://unece.org/fileadmin/DAM/stats/documents/ece/ces/ge.30/2018/may/Session_2_Berdikeeva_RUS.pdf

# GOŞUNDY 1:
# ESASY NETIJELER

**12 %**

**Türkmenistanda haçan hem bolsa nikada/gatnaşykda bolan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň 12%-i adamsy/ýoldaşy tarapyndan ömrüniň dowamynda iň bolmanda bir gezek fiziki zorluga sezewar edildipdir.** Şol bir wagtda fiziki zorlugyň ýaýrawlylyk derejesi 11,4%, jynsy zorlugyň ýaýrawlylygy – 2,7%.

**64%**

Adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki zorluga sezewar edilen aýallaryň aglabasy (64%) fiziki zorlugyň agyr görnüşleri barada habar berdiler.

Adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we jynsy zorluk hereketleri esasan bir gezeklik däl-de, gaýtalanýan ýagdaýdyr. Fiziki zorluga sezewar bolan aýallaryň diňe 24%-i bu hereketiň diňe bir gezek bolandygyny habar berdiler.

**10.6 %**

Haçan hem bolsa nikada/gatnaşykda bolan 18-59 ýaş aralygyndaky takmynan her onunjy aýal (10,6%) ömrüniň dowamynda adamsy/ýoldaşy tarapyndan psihologik zorlugy başdan geçirdi.

Psihologik zorluk köplenç halatda «gorkuzmak» (7,7%) we «kemsitmek» (7,1%) ýaly hereketleriň üsti bilen ýüze çykýar.

**13.3 %**

Häzirki wagtda nikada/gatnaşykda duran we özbaşdak gazanjy bolan aýallaryň 13,3%-i haçan hem bolsa adamsy/ýoldaşy tarapyndan ykdysady zorluga sezewar edilipdir.

18 ýaşa çenli nikalaşan/gatnaşyga giren aýallar (24,7%) ilkinji nikasyna/gatnaşygyna 18 ýaşdan soň girenlere (10%) garanyňda adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki zorluk barada has ýygydan habar berdiler.

Aýallaryň adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorluga sezewar edilýändigini has ýygy-ýygydan habar berýän kategoriýasy ýüze çykaryldy. Ömrüniň dowamynda haçan hem bolsa **fiziki zorluga sezewar edilip, aýrylyşan ýa-da gatnaşyklaryny bes eden aýallaryň paýy 45,1%, jynsy zorluga sezewar edilenleriň paýy – 24,3%**. Bu topardaky aýallaryň ýarysynda **(51,6%) psihologik zorluk** tejribesi bar.

**16.1%**



Haçanam bolsa bir wagt nikada / gatnaşykda duran 18-59 ýaş aralygyndaky zenanlaryň her altynjysy (16.1%) haýsydyr bir fiziki, jynsy esasly ýa-da psihologiki zorlugy başdan geçirdi, zenanlaryň 2% -i ömrüniň dowamynda adamsy / ýoldaşy tarapyndan zorlugyň üç görnüşini hem başdan geçirdi.

**3.4%**



Haçan hem bolsa nikada/gatnaşykda bolan, 18-59 ýaş aralygyndaky her altynjy aýal (16,1%) haýsy hem bolsa fiziki, jynsy ýa-da psihologiki zorluga sezewar edilipdir, aýallaryň 2%-i ömrüniň dowamynda adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorlugyň üç grnüşiniň üçüsini hem başdan geçiripdir.

Haçan hem bolsa nikada/gatnaşykda bolan, **18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň 3,4%-iň soňky 12 aýda adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we/ýa-da jynsy zorluga** sezewar edilipdir.

Haçan hem bolsa nikada/gatnaşykda bolan, **18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň soňky 12 aýda adamsy/ýoldaşy tarapynda fiziki, jynsy we / ýa-da psihologiki zorluga** sezewar edilenleriniň paýy 5,4%. Şol bir wagtda fiziki zorlugyň ýaýrawlylygy – 3%, jynsy zorlugyňky – 0,9%, psihologiki zorlugyňky – 3,4%-e deň boldy.

Islendik şahs tarapyndan (adamsyndan/ýoldaşyndan başga) ömrüniň dowamynda (15 ýaşy dolandan soň) fiziki zorlugy başdan geçiren 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň paýy 2,4%. Şol bir wagtda maşgala agzalary tarapyndan (adamsyndan/ýoldaşyndan başga) fiziki zorluga sezewar edilen aýallaryň paýy 1,9%, maşgala agzalary bolmadyklar tarapyndan zorluga sezewar edilenleriň paýy – 0,5%.

Syn ömrüniň dowamynda (15 ýaşyny doldurandan soň) maşgala agzalary (adamsyndan/ýoldaşyndan başga) jynsy zorluga sezewar edilenleriň sanaýmaly ýagdaýyny ýüze çykardy we başga şahslar tarapyndan jynsy zorlugyň az mukdaryny (0,3%) görkezdi.

**1.6%** 

Jogap berijileriň dolduran anonim sowalnamalarynyň maglumatlaryna görä, aýallaryň 1,6%-i jynsy zorlugy çagalyk ýyllaryndan (15 ýaşa çenli) başdan geçiripdir.

**Jogap berijileriň sowallara beren jogaplaryna we anonim sowalnamalaryň netijelerine görä, ömrüniň dowamynda aýallaryň 2%-iniň islendik şahs (adamsyndan/ýoldaşyndan başga) tarapyndan jynsy zorluga sezewar edilendigi kesgitlenildi.**

Synyň görkezmegine görä, aýalyň durmuşynda zorluk tejribesiniň bolmagy, saglygy we reproduktiw saglyk ulgamynda ýaramaz netijeleri bilen bagly anyk meseleleriň ýaýramagy bilen gatnaşdyrylýar. Adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we/ýa-da jynsy zorluk gören aýallaryň arasynda 33,5%-i çagasyny aýyrdypdyr, 26%-iniň çagasy düşüpdir, 6,3%-i öli çaga dogrupdyr.

Adamsy/ýoldaşy tarapyndan fiziki we /ýa-da jynsy zorluga sezewar edilen maşgalalarda çagalary köplenç gijeki gorkular, gijeleri ýerine buşukmak, utanjaňlyk, gaharjaňlyk ýaly meseleleri başdan geçiripdirler.

Maşgaladaky zorlukdan ejir çeken aýallaryň aglabasy bu barada hiç kime aýtmaýar. Aýallaryň diňe 36,8%-i kimdir birine bu tejribesi barada gürrüň beripdir. Aýallar adamsy/ýoldaşy tarapyndan zorluk barada has ýygy-ýygydan ene-atasyna (23,8%), has seýrek ýoldaşynyň maşgalasyna (13,1%), beýlekii maşgala agzalaryna (11,1%) habar beripdirler.

**11.9%** 


Haçan-da bolsa nikada/gatnaşykda duran we jyns gatnaşygyndaky adam tarapyndan zorluga sezewar bolan 18-59 ýaş aralygyndaky aýallaryň diňe 11,9%, degişli edaralara we guramalara ýüz tutmak karara geldiler. Olar esasan polisiýa gullugyna (9.8%), seýrek ýagdaýda kazyýete (5.9%), lukmançylyk edaralaryna (3.8%) we ýerli ýaşululara (3.2%) ýüz tutupdyrlar.

Synyň görkezmegine görä, aýallar ýagdaý diňe ýetjek derejesine barandan soň kömek sorap degişli guramalara we edaralara ýüz tutýarlar: jogap berenleriň aglabasy (80,1%-i) «indiden beýläk çydap bilmändikleri» üçin bu hili karar beripdirler.